# ***Gamýakjyklaryň we kumbreklaryň başdan geçirmeleri***

«Türkmen diline terjime edilen kömegi üçin
Miwe Mämetjanowa tüýs ýürekden sag bolsun aýdýarys.
Terjimeçiler topary»

## 1-nji bap.Gamyakjyklar bilen tanyşlyk

Tomusyñ bir günidi, oňatja yerleşen tokaýyñ gyrasynda, Pahuçka (Ysly)atly hayal suw akymly deryänyñ kenarynda kimdir biriniñ garaja buruny otlaryñ arasyndan göründi.

Bu burun seresaplyja ysyrgandy, soñra bolsa bu enaýyja haywanjygyñ bütün yüz keşbi peýda boldy. Haýwanjyk sütükli gaşlaryny çytdy. Ol bir bada hem alaka,hem garaguşa, hem tokay gemrijisine meñzeyärdi. Adamlardan biri ony gören bolsa, derrew geň ve haýran galdyryjy bir ses çykarardy, sebäbi bu gamýakjyklaryñ wekili - hiç kimiñ bilmeýän seýrek duş gelyän haýwanjygydy.

Gamýakjagaz äýnegini penjesi bilen emaý bilen düzetdi. Hawwa, hakyky äýnek! Haywanjyk olary bir gezek köne dub agajynyň aşagyndan tapypdyr we şondan bäri gamyaklaryñ obasynda özünü iñ akylly hasaplaýardı , ýöne bu asla beyle däldi. Äýneginden başga-da onuñ sary köýnegi we mämişi balagyndan daşary çykyan tüylije yumşajyk guyrugy bardı. Bu owadanja haywanjygyñ ady Fuksikdy.

Haýwanjyk ýene bir gezek gaşlaryny oynadyp , sosna agajynyň köküne çalasanlyk bilen çykdy.

- Bu zada bir seret! .. Seretsene, Çupoks! - ol çemenlige seredip, höwesli dem aldy.

Derrew bir yerden açyk reñkli eşikli ve yumşajyk tüyli guyrukly ikinji gamyakjyk Fuksigyň yanynda peyda boldy .

Fuksik we Çupoks çemenlikde dynç alýan adamlara höwes bilen seredýärdiler. Esasanam- ol oglanjygyñ elindäki plastik ýük awtoulagyna gözleri düşdi.

-« Hawa, bu awtoulag däl-de, hakyky döw!» - Çupoks heyjanly bökup düşdi.

-« Käşgä bizdede şular yaly bolaysady! Hazynany arkamyzda götermeli bolmazdy, şeyle dälmi?» - Fuksik arzuwly seslendi.

Emma şol bada bir gyzjagaz gülleri depeläp,güniñ şöhlesini öz sudury bilen yapyp gamyaklaryñ öñünden ylgap geçdi, ol yüzden olar mümkin boldugyça tiz gizlenmeli boldylar.

Umuman çemenlikde dört adam bardy: kakasy, ejesi, oglanjyk Wiktor we Sofi atly bir gyzjagaz.

Kakalary balyk tutyardy, ejesi kitap okaýardy we çagalar öz ýaşyndaky çagalaryñ oynayan oyunlary bilen meşgullanyardylar: oyunjaklary bilen oýnayardylar, daş-töwerege zyňyardylar, tokaýyň içinden ylgayardylar we köp goh-galmagal çykaryardylar.

Sofi tebigaty we haýwanlary gaty gowy görýän gyzjagazdy. Şol sebäpli köplenç ene-atasyndan ullakan it, has dogrusy bir naçe it alyp bermegini sorayardy. Iň azyndan iki, belki de alty sanysyny. Maşgala kiçijik kwartirada ýaşaýandygy sebäpli, itler bilen günde azyndan iki gezek gezmeleňe çykmalydy, köp iýmitlendirmeli, tüylerini arassalamaly ... we diňe ýüň däl, penjelerini ýuwmaly we sanjym etmeli bolýardy. Sofi ene-atasyna bularyň hemmesini özi etjekdigine ynandyrdy, ýöne kakasy we ejesi bu işleri

kimiň etjekdigini gowy bilýärdi we elbetde bu Sofi bolmazdy. Şonuň üçinem Sofinyň ene-atasy çykalga tapdylar - şu waglykça gyzjagaza balyk, gemriji homyagy we toty guşy sowgat etdiler.

Ejesi bu haýwanjyklary begençli ýagdaýda gyzjagaza gowşurup: "Eger sen bulary ideg etmegi başaryp bilseñ , it hakda pikir ederis" -diýdi.

Bu gün diňe bir homyak maşgala bilen tebigata gezelenje çykdy, toty guş öýde galdy. Sofi homyakly kapasany suwuň kenarynda goýdy.

- Gör, nähili owadan, Homka! - diýip yüzlendi gyzjagaz.

- Hawwa, ynanar ýaly däl, - homyak kän bir heyjansyz pikir etdi, - tizräk yza gaýdyp dönseydik.

Homyak Homkajyk öý haýwanydy, näbelli we ýabany tebigat bilen duşuşmak ony begendirmedi. Has dogrusy biraz tolgunduryardy.

-Sen şu ýerde gal we tebigata seyran et ,men bolsa häzirlikçe oynamaga gitjek, - Sofi haýwana begençli yüzlenip we gülkünç ýagdaýda böküp-böküp ylgap gitdi. Homka bolsa nazary bilen onuň yzyndan seredip we düýbünden yalňyz galdy.

Peýnir isleyän, - haýwanjygyň kellesinde isleg peyda boldy. Peýnir ýokdy. Ähli arzuwlar amala aşmayar diyen pikirlere boyun bolup, homyakjyk ilki suwa birneme seretdi, soň bolsa bizar bolyp yza çekildi we tigirini arka aýaklary bilen kapasada öwrüp başlady. Emma peýnirli pikirler onu terk etmedi.

Günortan kän wagt geçmänkä, maşgalanyň kakasy balyk tutulýan taýakdaky çeňňegi ýene bir gezek göz aylap, başyny galdyrdy we asmanda bulutlaryň ýakynlaşýandygyny gördi we yagyşa ezilmeden öňçe toparlanıp ,şähere gaydyp barmaga karar berdi. Yöne kakasy balyk tutmadan gaytmakda islemeyärdi. Yöne bu ownuk zatlar hasaplanardy.Emma yakynlaşyan bulutlar - bu çynlakaýdy ve wajypdy. Çagalar buludyň çynlakaýdygyna göwünsizlik bilen razy boldular we hemmeler ýygnanyp başlady. Wiktor we Sofi oýunjaklaryny toplayardy, ene-atalary zatlaryň hemmesini gaplap ulaga ýükleyärdiler.

- Kaka, men ýük awtoulagymy tapyp bilemok! Oglan geň galyp, otlaryň içinden awtoulagyny gözläp we ýene gyrymsy agaçlara göz aýlady.

- Sen yitiryänçi! - gyz dogany begenip güldi we gurjaklaryny we ýumşak oyunjaklary ýygnamagyny dowam etdirdi.

- Men yitiryänji dagym däl, şu ýere bir ýerde goýanym ýadyma düşýär! Gözlerini okalap, Witýa jogap berdi we otlary has gowy barlamak üçin dyza çöküp gözlemegi dowam etdi.

- Kumbreklar tarapyndan gizlenen bolaymasa! - Ejeleri degişip, saçak başyny tutup, kakalaryna göz gyrpdy.

- ... ýa-da gamyakjyklar! - ejesiniň değişmesine kakasy goşuldy. Kakalary ýagyş başlamazdan gitmäge howlukyardy we oýna höwes bilen gatnaşdy.

- O nähili gamyakjyklar? Oglan dyzyna çöküp, eli bilen otlary arasyny açyp gözlemegi dowam edyärdi.

- Eje, gümürtikler kimler? - diýip, gyzjagaz sorady ve gurjaklaryna yapyşan otlaryň ýapraklaryny silkdi.

- Gamyakjyklar ownuk tokaý ýaşaýjylary, adaty homyaklardan birneme uly, şonuň üçin ady - ga-myak-lar! - Kakasy boguna bölüp söyledi.

- Gamyaklar näme edýär we nirede ýaşaýarlar? Olar nähili görünýär? - oglanjyk gyzyklandy we awtoulag gözlegini bir minutlyk goýdy.

- Gamyakjyklar tokaýda ýaşaýar, olary gaty az adam gördi, ýöne aytmyşlara görä garaguşyñka meñzeyän yumşak tüylü guyruklary bar, gulaklaryň uçlary bolsa inçejik çotga meňzeyär - diýip, kakasy jogap berdi.

- Olar esasan zyňylan ýa-da adamlar tarapyndan ýatdan çykarylýan zatlary yzygiderli ogurlamak bilen meşgullanyalar - diýip, ejesi sözüniň üstüni ýetirdi.

- Adaty gamyakjyklar balak we köýnek geýen homyaklara ýa-da gemrijilere meňzeýär, adam we haýwan dillerinde gürleýär, umuman, ajaýyp jandarlar, - Kakasy galan iýmitli sepedi maşyna goýdy we bagaj gapagyny yapdy..

- A kumbreklar kim? - gyzjagaz soragyny ýatlatdy.

- Kumbreklar gamýakjyklara meñzeyän haywanjyklar,yöne başga taýpadan – kum-brek-lar, - ejesi boguna bölüp söyledi. - Kumbreklar adamlaryň zatlaryny hem ogurlaýar, galan we ýatdan çykarylan zatlary hem alýar.

- Gamyakjyklary we kumbreklary nirede görüp bileriz? - Witýa indi awtoulagyny gözlemedi, ene-atasynyň hekaýasyny üns bilen diňledi.

- Hiç ýerde! - Kakasy jogap berdi.

- Nädip - hiç ýerde? - oglan lapykeçlik bilen uzady we ahyrsoňy oýunjak awtoulagyny soňky gezek gözläp töweregine göz aýlady we maşyna tarap gitdi.

- Hiç ýerde, - diýip, ejesi düşündirdi, saçagy silkip epläp goyduda, - bu diňe toslama ,ertekilerdäki personajlar we hakykatda ýokdugyny aňladýar.

- Diňe kimdir biri bir zady ýitirip, tapyp bilmese, jogapkärçiligi öz üstüne almazlygy üçin şeýle diýýärler - kumbreklar ogurladylar ýa-da gamyakjyklar gizlediler -diýip kakasy gülüp jogap berdi .

Golaýda otda oturan we hemme zady eşiden gamyakjagazlar haýran galdylar.

- Näme ?! Ogurlukmy? .. Süýräp alyp gitmekmi? .. hm! - Çupoksda bu eşidenlerinden synçgylowuk tutmaga başlady.

Çupoksyñ bu sözlerden son arkasyndaky tüyleri gahardan goňur-çal reňke öwrüldi,garnyndaky tüyleri bolsa-ak reñk boldy.Gamyakjygyñ arkasynda gara çızık geçyärdi,gulajyklaryñ ve guyrygynyñ uçlarynda welin inçejik tüyjikler bilen tamamlanyardy . Çupoks gyzyl gaýyşly şortikdedi we gök köýnek geýipdi.

Bu gamýakjagaz, adamlaryň aydanlaryny diňläp, ýüzüni penjesi bilen ýapdy we başyny ýaýkady.

"Söz ýok" -diýip, penjesinden seslendi we gynanç bilen uludan demini aldy. Penjesini ýüzünden ayyryp gözüniň burçundan seretdi, suwuň gapdalynda duran bir kapasany gördi. Gamyakjyklara meňzeş jandar, garnyny ýokaryk galdyryp, kapasada ýatyrdy we gaty bagtsyz görünýärdi.

Gamýakjagaz gysga ädimler bilen ylgap , ýapraklaryñ ve otlaryñ arasynda gizlenip, toýun gümmezleriň arkasyndan bukulyp, kapasa yakynlaşdy.

- Pysst-pysst! - penjelerini kapasanyñ sütünlerine degirip, homyagy çagyrdy.

- A-ah-ah, bu ýerde kim bar ?! - homyak geň bir ses eşidip, hyýal dünýäsinden hakykata gaýdyp geldi. Homyak , kapasanyň daşyndan oňa seredip duran şortikli haywanjyga gözi düşdi.

- Sen kim? - diýip gamýakjagaz sorady.

- Men Homka, - homyak ýuwaşlyk bilen jogap berdi, agzy gurady we ýabany tebigat bilen bolan duşuşykdan düşnüksiz tolgunmanyň ýene bir hüjümini duýdy. "Öýde galmalydym" -diýip, homyagyñ kellesinde pikir ýaýyldy, "Sofiniň düşeginiň aşagynda jogap bermän gizlenerdim. Boldy, indi, men gitdim ... Meni iýerler ... Gül, hemişe gizlesem-de, seni söýýändigimi bil. "

- Men bolsa Çupoks, - haywanjyk dostlukly jogap berdi we penjesini kapasanyň içine uzatdy. - Gel, salamlaşaly!

“Indi ol meni tutar we süýräp alyp gider! Aý ýok, ýok, näme etmeli? " - doňan homyagyň kellesinde pikirler ýyldyrym ýaly ýaňlandy.

- Bolýar! - Gamýakjagaz sabyrsyzlyk bilen aýtdy we penjesini silkeledi. - Bee! - diýip jogap berdi Homka, dilini çykardy, gözüni ýumdy, penjelerini gysdy we özüni ölen ýaly edip görkezdi.

Çupoks uzaldylan penjesi bilen doňup we geň galyp homyagyň bolşuna seretdi.

- Näme edýärsiň? - diýip sorady.

Homka ýene birnäçe pursat roluny oýnamagy başardy, ýöne soň dartylan nerwleri çydap bilmedi.

- Meni iýme! Ol gözlerini açyp aglady.

- Hmm, meniñ asla seni iymek niyetim yokdy - diýip, Çupoks geň galyp jogap berdi.

- Dogryñy aytsana?

- Eğer,çynym, - gamýakjyk baş atdy.

- Aý, başdan aýtmalydyñ, ýogsam tanyşlygyñy elhençlik we gorkuzmak bilen başladyñ.

- Ay, hawwa, - Çupoks düýbünden aljyraňňylyk bilen baş atdy.

- Men Homka, gemriji homyak! - homyak henizem garnyny asmana bakdyryp yatan yerinden özüni buýsanç bilen tanatdy.

- Men bolsa Çupoks, gamýakjagaz. Bu ýerde nämejik edýärsiň?

- Gaýmakly peýniri arzuw edýärin we hakyky öýümi küýseýärin - diýip, homyak arzuw edip jogap berdi.

- A-aa, men bolsa ...

Çupoksyň sözüni gutarmaga wagty ýokdy, sebäbi oglanjyk Wiktor oýunjagyny gözläp kapasa gaty ýakynlaşdy.

- Umuman, bu ýerde ýaşaýaryn we işleýärin, ýöne men gitmeli! Görüşýänçäk! - Çupoks penjesini silkdi we ýakyn gyrymsy agaçlaryñ arasynda ýitip gitdi.

- Yöne beyle şertlerde däldir diýip umyt edýärin - diýip, homyakjyk jogap berdi we ýüregini penjesi bilen okalap massaj etdi, - iñ gowusy myhmançylyga gelseñ gowy bolar!

Bu aralykda bolsa, çemenlikde oglan henizem awtoulag maşynyny gözleýärdi.

- Oglum, - ejesi Witýany çagyrdy. – Oýnawaçyñy tapyp bilmedik bolsaň gynanma - indiki gezek has seresap bolarsyň! Çagalar, ulaga münüň, ýogsam ýakyn wagtda ýagyş ýagyp başlar!

Kakasy maşynyň gapysyny açdy we maşgalanyň oturmagyna yşarat etdi, soň roluň başyna geçip motory işletdi. Çagalar we ejeleri bolsa arka oturgyçlarda oturdylar we gapylary yapdylar. Tüsse buludyny boşadýan awtoulag şähere tarap ugrady.

Maşynyñ dvigateliniň sesi yuwaşlap we ulag gözden ýitip giden badyna, beýik otlar bölünip açyldy we gamyakjagaz iň ýakyn ağaç köküne çykdy, tüylige penjesini maňlaýyna goýdy we uzak aralyga göz aýlady - ilki sag tarapa, soňam çep tarapa. Çemenligi has gowy görmek üçin penjäni goýmagyň zerurlygy ýokdy, gaty gowy görüp bilýärdi, ýöne bu ynsan hereketini bilýärdi we köplenç adamlara öýkünýärdi.

Adamlar bilen maşynyň gidendigini we hiç kimiň galmadygyna göz ýetiren soň, gamýakjagaz sygyrdy we otlaryň arasyndan ikinji gamyakjyk çykdy – edil birinjisine meňzeş, mämişi balakly we sary köýneklidi. Ikinji gamyakjyk ağaç köküne ýakynlaşyp, soragly gözleri bilen yokaryk seretdi.

## 2-nji bap. Fuksik ve Çupoks

Çupoks kökden bökdi, ikinji haýwan bolsa ýerini aldy-da, edil şol bir tarapa seretdi.

- Fuksik, adamlar eýýäm hereketlengiriji maşyny bilen gitdilermi? - ýoldaşyna seredip, Çupoks sorady.

- Hawwa,gitdiler! Adamlaryň nähili minnetdar däldigine we ýüreksizdigine haýran galdym! Biz olara hemişe kömek edýäris, ýöne olar bizi halamaýarlar! - Fuksik gygyrdy we otlaryň we gyrymsy agaçlaryň arasyna seredip başlady. Şol bir wagtyň özünde gamýakjygyň tüýdük guýrugy gahardaň yaňa titredi.

- Biz, ýitirilen hazynalary gözleýänler we gymmatlyklary yzyna gaýtaryjylar, Gamyakjyklaryň kuwwatly taýpasy, köp ýyllap adamlar bilen bile ýaşadyk we ýitiren gymmatlyklaryny yzyna gaýtaryp berýäris, emma adamlar henizem kimdir birini, şol sanda bizem, bularyň hemmesiniň sebäbi hökmünde görýärler - Fuksik möhüm ähmiýetli seslendi.Fuksik bilimli we akylly gamyakjykdy, söz baýlygy gaty uludy. Hatda köp wagt mundan ozal tapan äýnegi hem bardy we äýnegiň akyl alamatydygyny hemmeler bilýärdi.

- Adamlar bir zadyny ýitirseler, - diýip, Fuksik sözüni dowam etdirdi,-derrew kimdir biri ogurlady diyen karara gelyäler.

- Yöne aslynda adamlaryň özleri ýitiryänçiler we dagatyançylar! - Çupoks ellerini döşüne goyup, baş atdy.

- Hakyky! Fuksik razylyk bilen başyny ýaýkady.

- Ağaçtan düş, ýiten zatlary gözläli! - Çupoks dostuna çemenlige gelmeginiň maksadyny ýatlatdy. - Adamlaryň aýtyan kumbreklary kimler kä? - birden ýadyna düşdi.

"Bilmedim, olar hakda hiç eşitmedim!" - Fuksik egnini gysdy, beýik, gür gür gyrymsy agaçlara girdide we iňňildäp, oglanjygyň gözleýän maşynyny çykardy. Çupoks dostuna geň galyp seretdi.

- Fuksik, bu geň galyjy zat! Maşynyň bu gyrymsy agaçlarda digini nädip bildiň? - Çupoks geň galdy.

- Yooo ... Men ... Hm ... - Fuksik ikirjiňlendi, - Men onuň şu gyrymsy agaçlarda durandygyny bilýärdim.

- Näme, ony seniň özüň bärde bukdyňmy? - Çupoks çäklendiriji sorady, gözlerini tegeläp we gorkudan ýaňa penjesi bilen agzyny yapdy..

Hawwa! Hawwa, oglan yzyna öwrülende, ony ýuwaşlyk bilen gyrymsy agaçlara itekledim! - Fuksik tutanýerli jogap berdi. – Özümiň tapan zatlarymyň hemmesini oba arkamda daşamak islemedim, ýol ýakyn däl! A bul bolsa ajaýyp ulag! - Şol bir wagtyň özünde, Fuksik döşüniň beýikligine ýeten oýunjak awtoulagyny mähir bilen sypalady. Ol obasyna awtoulagly giryändigini, öňünden çykjak gamyakjyk gyzlaryň yzyndan bakyp uludan dem alyp,oňa haýran galyp seredişlerini göz öňüne getirdi. Agşam bolsa maşynda , owadanja gamyakjyk gyzlaryň birini ,derya boyuna , günüň ýaşmagyna syn etmek üçin gezelenje çyksaňda bolar... Ol gök balagyny geýer we owadan bolar.

- Men örän owagan bolaryn - diýip, Fuksik arzuw-hyyally pyşyrdady.

- Emma bu ogurlyk! - Çupoksyň sesi hyýalyna girdi. - Taýpanyň ýaşululary ýitirilen zatlary gözlemekden bizi aýryp bilerler! - diýip, bir ah çekdi.

- Hm ... bu hakda olara aýtmarys! - Fuksik utanyp jogap berdi.

- Hawwa, aýtmaz ol! Ajaýyp meýilnama! - Çupoks hüňürdedi, yzyna öwrüldi we adamlaryň ozal dynç alýan çemenligini barlamaga gitdi.

Fuksik, kellesini we guýrugyny aşak egip, yzyndan gitdi. Emma birnäçe minutdan soň bolup geçen zatlary ýatdan çykaryp, dostlar çemenligi höwes bilen gözden geçirdiler we tapylan zatlary oýunjak awtoulagynyň arkasyna topladylar.

Dürli ýurtlaryň teňňelerini , bir broşka, elýaglyk we bir bölek süýji tapdylar. Bu zatlaryň hemmesi maşyna ýüklendi, süýji iýildi we süyjiniň örtügi tapylan zatlaryň arasyna goşuldy.

Soňra dostlar maşyny tokaý ýoluna iteklediler we obalaryna tarap ugradylar.

"Vrum-vrum-vrum" diýip, Fuksik işleýän motoryň sesine öýkünip barýardy. Maşyn awtoulagyny baýyryň depesine goýdular, iteklediler, "vrum-vrum-vrum" gaýtalamagy bes etmediler we maşyna böküp, şatlykly sesler bilen aşak sürüp gaýtdylar. Maşyn birnäçe gezek çukura girdi, gyrymsy agaçlaryň arasyna girdi, bir gezek bolsa şahada oturan yaşuly gargany gorkuzyp ters öwrüldi. Dostlar şatlykly gülki bilen ýol heläkçiliginden halas bolup, ýük awtoulagyny tigirlerine goyup, obalaryna yoluny dowam etdiler. Bir sagatdan soň olar eyyam obasyna geldiler.

## 3-nji bap. Gamyaklaryň obasy

Kiçijik tokaý adamlarynyň obasy kiçijik jülgede ýerleşip, ähli tarapdan goralýardy: çagyrylmadyk myhmanlardan uly gaýalar, depeleriň şemallaryndan bolsa baýyrlar gorayardy. Bu şäherçede jemi elli töweregi kiçi jaydan ybarat bolup, jemi iki ýüz töweregi gamýaklar ýaşaýardy. Obanyň dar geçelgesini iki ýa-da üç hyzmatçy goraýardy, ýöne bu hökmänem däldi,çünki - adamlar obany tapyp bilmezdiler, tokaý haýwanlary bolsa dostlukda ýaşadylar ýa-da söweşiji we şowhunly gamýaklar bilen gatnaşmazlygy amatly görýardiler.

- Dyr ... dyr ... - Çupoks we Fuksik yadaw seslenip, kynlyk bilen maşyny oba süýräp, itdiler. Oýnawaç awtoulagyny soňky ýarym sagadyň dowamynda itekllediler, sebäbi obanyň golaýyndaky ýol gaty erbetdi we deň däldi, şonuň üçinem gaty ysgyndan düşdiler.

- Entek awtoulag sürüjisi bolmak baradaky pikiriňi üýtgetmediňmi? - Çupoks dostundan gülümsiräp sorady.

- Dyr ... - Fuksik derlän penjeleri bilen ýük maşyny itip, birneme jogap berdi.

- Bundan soňuny özüň dowam et! - Çupoks dostuny arkasyna şarpyklap, yaşyl otlaryň üstüne özüni atdy.

- Dyr,dyr, - Fuksik iňňildäp awtoulagyny merkezi çemenlige tarap itekledi.

- Sür, sür, ýollaryň hojaýyny, - otlarda yatan gamýarjyk elini sallady.

Fuksik yadawlykdan sandyrap duran ayaklary bilen ýoluny dowam etdirdi. Hemmeler oňa duýgudaşlyk bilen seretdiler, ýöne Fuksik şeýle bir yadawdy velin , hatda seredýänlere üns bermeýärdi. Ahyrsoňy, maşyny çemenligiň ortasyna çykaryp, maşynyň arkasynda çykyp, aýaklaryny ve penjelerini dürli tarapa ýaýratdy, ýyldyzjyk şekillendirdi we bu ýagdaýda gymyldaman yatdy.

- Näme getirdiň? - geçip baryan gara uzyn şlapaly gamýakjyk sorady.

- Gymmat hazyna, - diýip, Fuksik jogap berdi. Ol uka gidip başlapdy.

- Hä,düşnikli.  Maşyny nireden aldyň?

-Hä,näme?  - Fuksik biperwaý jogap berdi.  Ol şeýle bir yadawdy welin, näme hakda gürleşýändigini bilenokdy.

- Görýäňmi, seni ynsabyň  gynandyrjakdygyna derrew düşündim - diýip, Çupoks öýüne geçip barýan ýoldan seslendi.

- Dogry!  - Fuksik ukuly jogap berdi we derrew ýyldyzjyk şeklinde horlap  uklap galdy.

Irden dynjyny alan  Çupoks öýünden çykanda, merkezi çemenlikde gamýaklaryň   başagaylyk bilen ýygnaga taýynlanyp yöränlerini gördi  .

- Eje, eje, ýygnakda näme bolar?  - çemenlige barýan ejesinden  kiçijik gamýakjagaz gyzyklanyp soraýardy.

- Fuksik maşyn ogurlady, ony utandyrarlar!  Ejesi başyny ýaýkady.

- Wah, hakykatdanam gaty berk jeza boljakmy?  —Çupoks kellesiniň arkasyndaky sütükleri gaşap, çemenlige tarap gitdi.

Duşuşyk bolup hyzmat eden gamýakjyklaryň  obasynyň merkezi çemenliginde bir sagatdyr ýaşulular we ähli işsiz obalylar Fuksigiň erbet gylyk-häsiýetini ara alyp maslahatlaşýardylar. Çemenligiň ortasynda oýunjak awtoulagy we günäkärleýänler durdy, Fuksik maşynyň arkasynda egilip, gözlerine yere dikip oturdy.

- Fuksik, utanmaýaňmy!  - mejlisiň başlygy wezipesini ýerine ýetirýän gara donly, uzyn ak parikli we penjesinde agaç çekiçli gamýakjyk berk seslendi.  Ol elindäki çekiç bilen kiçijik bir agaç köküne kakdy.

- Jumbo Fuksikiň goragçysy bolmak isledi!  Ony bütin ömri tanaýar we Fuksigiň özüni düzedip, aklanyp biljekdigine ynanýardy.  Hawa, - diýip, başlyk sözüni dowam etdi, - munuň onuň ilkinji oýlanyşyksyz we erbet niýet däldigini belläris!

- Aha!  - märekeden kimdir biri gygyrdy, - ony täzeden terbiýelemegiň wagty geldi!

-Zähmet çekmek bilen jezalangyrmaly!  Başga birisi seslendi.

- Agaç sakkyzyna we sosna iňňelerine zyňyň - diýip, gara murtly gamýak teklip etdi.  - Soň bolsa ýuwuň we iki hepde demirgazyk tokaýyna iberiň, degme odun toplasyn!

- Köşeş!  Düzgüni bozmaň!  - başlyk çekiç bilen agaç köküne kakdy.  - Şeýle, dowam edýärin. Günäkärleýän bü gün hormatly ve sylaglanýan yaşulylarýň vekili ,gamýaklaryň patyşasy Hlüpsa söz berýän!

Birnäçe el çarpyşmalar eşidildi.

Patyşa Hlüps Gamýaklaryň taýpasynyň ýaşulularynyň arasynda başlykdy.  Gamýaklar esasan  taýpada bilelikde karar berýärdiler, ýagny iň soňky söz hemişe iň sesli, şowhunly gamýaklaryň   arkasynda durýardy, ýöne gamýaklar tokaýyň şöhratly taýpasy hasaplanýardy: resmi taýdan , hemmesiniň baştutany patyşa Hlüpsdy.  Hlups şeýle bir garrydy welin, ýolbaşçylygy kepderileri iýmitlendirmek , paradlarda penjesini dabaraly ýagdaýda silkip, gamýaklaryň  umumy dynç alyş günlerinde tost aýtmak bilen çaklenerdi.Şol dabaralarda  birnäçe stakan baldan soň, egnine egip yada yanyndaky gamýaklaryň birine yaplanyp uklap galýardy köplenç . Garry hökümdar zyýansyzdy ve özüçe adalatlydy,obasynda ony govy görýärdiler ve sylaýardylar,şonuň üçin bu ajaýyp däbi dowam edýärdiler.

Bu gün garry hökümdar Hlüps  bir näme özüni govy duýardy,bir hepde bäri  edýän maşklary,irden içýän kofesini terk etmesi diymek govy täsir edýärdi. Hlups ýaşlyk güýjüni we edermen joşgunyny duýup,

gürleşmek we çaklamak isledi, şonuň üçin Fuksigiň elhenç hereketini eşidip, hemmelere adalat görkezmäge we ýerli kanunlary öwretmäge söz berdi. Gamýaklaryň arasynda durup we wagtal-wagtal hasasyna daýanyp, iki yana yöreýärdi.

- Men jezalandyryja söz berýärin! - diýip, başlyk yglan etdi.

-Men adamlara gamýaklar ogry diýip pikir etmäge ýol bermerin! - Dayanan hasasyna yokary galdyryp, Hlups dabaraly ýagdaýda yglan etdi.

- Hawa! Dogry gürleýärsiň, Hlüps! Dogry! - haýwanlaryň bir näçesi bu söz bilen ylalaşdy.

- Adamlara ençeme asyr bäri hyzmat edip gelýäris, gymmat bahaly zatlary we hazynalary ogurlamak däl-de, tapyp we yzyna gaýtaryp berýäris! - diýip, patyşa sözüni dowam etdi. Bu sözleri eşiden maşynyň arkasyndaky Fuksik hasam gaýgylandy .

- Umuman aýdanymda, teklibim Fuksigi bir aýlap gymmat bahaly zatlary gözlemekden aýyrmak, düzgüni bozany üçin!

Bir näçe gamýaklar patyşanyň teklibini ara alyp maslahatlaşmaga başlady.

- İndi goraýan tarapa söz berilýärin! - mejlisiň başlygyny yglan etdi we çekiç bilen kakdy.

- Fuksik, elbetde, günäkär, - Jumbo başlady, ol gaty özüne çekiji gamýakjykdy we Fuksigiň köne dostydy. - We oňa jeza berilmeli, ýöne beýle agyr jeza däl! Galyberse-de, Fuksigiň özi özüniň nädogrydygyny boýun aldy, gaty toba etdi we mundan beýläk muny etmejekdigini söz berdi! Dogry dälmi,Fuksik? -diýip Jumbo sorady.

Günäkär gamýakjyk çyny bilen baş atdy, hatda gamýakjyklar jemgyýeti haýsy hökümiň çykaryljakdygyny gaty sesli, şowhunly ara alyp maslahatlaşýarkalaram,baş atmagyny dowam edýärdi . Kimdir biri Hlyüpsy goldaýardy, köpüsi Jumbonyň tarapyndadylar.

- Baş atmagy bes et, kelläň gopup düşer yogsam - başlyk ahyrsoňy Fuksigiň hereketini bes etdirdi. - Hawwa, gamýaklaryň beýik taýpasynyň karary näme?

- Ony agaç sakkyzyna taşlaň we ... - murtly gamýaçok başlady.

- Ay, köşeş! - goňşular oňa gygyrdylar.

Köpçüligiň içinden pökküje gamýakjyk çykdy, ýaňaklaryny gymyldadyp, howany aldy we gaty ses bilen yglan etdi:

- Beýik Gamýaklaryň taýpasy Fuksigyň gymmat bahaly zatlary bir hepde we iki gün gözlemegini togtatmak kararyna geldi!

- Ve ony agaç sakkyzyna taşlaň! - ýene-de murtly gamýaçok sokuldy.

- Hawwa,bes etsene ! - töweregindäkiler oňa seslendiler.

- Şeýlelik bilen, bir hepde we iki gün togtadyldy - diýip, başlyk jemledi. - Karar berildi. Ýygnak gutardy! Hemmäňiz sag boluň,hemmeler öýüneze gidip bilersiňiz, - gara eşikli ýygnak vekili çekiç bilen kakdy, bir gyra goýdy we penjesini silkdi - çekiç gaty agyrdy.

Oba yaşaýjylary hökümi ara alyp maslahatlaşyp, dargap başladylar. Jezalandyrylan Fuksik bolsa maşynyň arkasyndan ýere bökdi düşdi.

Dostlar Fuksigi duýgudaşlyk bilen egnine penjelerini goýdular, ýöne alaç yokdy, - çünkü özi oňa mynasypdy. Gaygyly gamýakjyk başyny aşak sallap ,gylaklaryny gysyp yuwaşlykdan yöräp gitdi. Az salymdan, Çupoks bilen tapylan gymmatlyklary ýaşulular berdiler we tutuş taýpa ýaly, daň atýança dynç

almaga gitdiler. Fuksik öýüne gaýdyp barýaka birnäçe wagt önçe edil şular yaly jezaladyrylany ýadyna düşdi,şonda hökümdar Hlüps ejir çekipdi ve şonda Fuksiga «Şülbert» diyip lakam goýupdylar.

## 4-nji bap. Saz we Şulbert

Şülbertli hekaýa şeyleräk bolupdy. Günleriñ bir güni Fuksik we dostlary Jumbo we Çupoks ýitirilen gymmat bahaly zatlary gözlemek üçin tokaýýň içinden aýlandyp ýördiler. Ol gün bayramçylyk günidi, yada adamlaryñ dynç alýän günidi , şonuň üçin ýitirilen gymmat bahaly hazynalaryň tapylmagyna dostlar uly umyt baglaýardylar. Dostlar uzak wagtlap aýlanmaly bolmadylar, tiz wagtyň içinde dynç alýanlaryň uly toparyny gördüler, has dogrusy seslerini eşitdiler. Gamýakjagazlar sesi yzarladylar we gyrymsy agaçlaryň arasynda gizlenip seretseler şowhunly ve şadyýan syrk aristlerine gözleri düşdi. Olar degişýärdiler, gülüşýärdiler, tans edýärdiler, oduň üstünde bir zatlar gowurýardylar. Awtoulagyň bagajynda duran görlüp-eşidilmedik enjamdan owadan we melodiki sesler ýaňlanýardy we dynç alýanlaryň köpüsi aýdym-saz bilen deňlikde hereketli tans edýärdiler.

Dostlar oňatja ýerleşip, aýdym diňlediler we gyzyklanma bilen adamlara tomaşa etdiler. Görmäge köp gyzykly zat bardy! Jadygöý fokusjy kärdeşlerini uly magnitiň işi bilen gyzyklandyrýardy we günüň şöhlesini haýsydyr bir ýere jemläp, galyň ulaltýan aýna bilen alaw ýakýardy. Masgarabaz reagentler bilen patlama sesi döredip,ownuk maddalar bilen ýaryp köp reňkli duman öndürýärdi. Konferansye kitaplardan owadan goşgylary okaýardy,akrobatjy bolsa ot söndürijiden sabun köpügini çykarýardy.

Bu toplanan artistler uzak wagtlap hezil edip dynç aldylar, agşama yakynlaşanda bolsa öýlerine ýygnanyp başladylar. Dynç alýanlar gaty ýadapdylar, zatlaryny howlukmaç ýygnadylar we tizara toparlandylar. Ahyr soňy adamlar bilen ýüklenen birnäçe awtoulag çemenlikden çykyp, awtoulag gazlary çykaryp, şähere tarap ugradylar.

Maşyn tüssesi we tozan dargan soň, dwigatelleriniň sesi uzaklaşan soň, gamýak- dostlar dynç alýanlaryň çemenlikde goýup giden zatlaryny gördüler,olaryň içinde uly magnit, reagent, kitap we ýangyn söndürijini unudylypdyr. Gamýaklar uzak wagtlap maslahatlaşman tapylan zatlary gaty agyr bolsa-da, oba alyp gitmegi ýüregine düwdiler. Uzak, agyryly taýýarlyklardan soň, tapylan zatlary ýygnanandan son, uzak ýoly geçenden soň bu agyr ýük ahyry oba eltildi (bu kynçylykdan geçen Fuksik, maşyn almaly diýen pikire geldi, bu onuň üçin näme bolup gutarandygyny elbetde biz bilýäris). Tapylan gymmatlyklar merkezi çemenligiň ortasyna dabaraly ýagdaýda goýuldy. Obanyň gamýak ýaşaýjylary bu täze nesil tehnikasyny görmäge geldiler! Iň soňky agsaklap gelen bolsa ýaşuly Hlüpsdy.

Hlüpsyñ kellesinde konserva gutusyndan bejerilen täç mäkäm berk oturýardy. Bu täç Hlüpsyň kellesinde patyşalandyrylan gününden bäri çykarylmady , şondan bäri bu täç - semiz barmakdaky toý ýüzügi ýaly mäkäm durýardy. Ilki Hlüps täjini asla çykarmakda islemedi, soň bolsa onuň kellesinde barlygyny ýatdan çykardy.

Patyşanyň elmydama täjinde bolmagy sebäpli,gamýaklaryň köpüsi Hlupsyň onsuz nähili bolandygyny ýatdan çykaryp başladylar ve täçsiz hiç göz öňüne getirmeýärdiler. Käbir rehimsizler Hlüpsy täji bilen jaýlanjakdygyny we täze patyşa üçin täze bir täç kesiljekdigini gep edýärdiler. Beýlekiler bolsa,esasanam has erbet dilliler, Hlups ýatanda ýa-da hammamda ýuwunanda-da täjini aýyrmaýar diýişýärdiler. Bir gamýakjyk bolsa , Hlüpsyñ täjini çykaryp aýna bakyp özüni tanaman duranyny görenmiş !

- Heh-heh, - Hlüps üskürdi we saz enjamyny taýagy bilen dürtüp : - Bu gudrat enjamy näme? Bu ... traktormy? Ýa-da lampamy?

Patyşa Hlüps garry bolsa-da, ylym we tehnologiýa baradaky bilimlerini öwmegi gowy görýärdi we mümkin boldugyça bu bilimleri öňe sürýärdi, ýöne hemişe köplenç ýerliksizdi.

Fuksik, Jumbo we Çupoks saz guralynyň daşyna geçdiler.

- Häzir biz size ajaýyp tomaşa görkezeris!  Deňi-taýy bolmadyk şou!  - Fuksik dabaraly ussanyň sesi bilen yglan etdi.  Onuň arkasynda uzak gyrmyzy bulutlar peýda boldy we bir ýerde howsala düşen  guş sesi geldi.  Hlüpsyñ ýüregi bir yamanlygy  duýdy, ýöne bilesigelijilik özüni goramak instinktinden has güýçli çykdy ,şonuň üçin galmagy karar berdi.   Gamýaklar taýpasy getirilen enjamlara ajaýyp seredip, gudrata garaşyp  ýylgyrşýardylar we seresaplylyk bilen el çarpmaga başladylar.

- Işe başlaýaryn!  - Fuksik gygyrdy we düwmä basdy.

Saz guraly plastinkany aýlap başlady, ilki bir şykyrdy sesi geldi, soňra takyrdy bir ses çykdy.  Taýpa, boýunlaryny uzadyp, demlerini tutup, saz enjamlaryny gözden geçirdi.  Iň kiçi gamýaklar golaýda ösýän kiçijik agaçlara çykyp, yabany miweler ýaly şahalardan asyldylar.

- Hiç zat eşidilenok we görünenok!  - ker Hlüps enjama has ýakynlaşdy we penjesini gulagyna göterip diňledi.

Beýik İhtimal, ol saz guralyñ  gapdalynda ýatan uly magnit bilen gaty ýakynlaşdy we güýçli magnit  birden demir täji  Hlüpsyň kellesi bilen birlikde özüne çekdi we şol bada saz guralyndan aýdym sesi gelmäge başlady.

Bu gaty geň görünýärdi: edil şu wagt Hlüps bardy - indem Hlüps ýok , has dogrusy, özi bar,ýöne kellesi täç  bilen   birlikte magnida tarap  durman iki ýana çaýkanyp hereket edýärdi.  Garry patyşa bu magnidyň güýji bilen söweşmäge  we diklenmäge çydalaşýardy. Gözlerini tegeläp ve magnidyñ güýjine garşy durup ,onuň täsir eden meýdanyndan çykmaga çalyşýardy.Ýöne magnidyň güýji gaty berkdi we göýbermeýärdi,taýpa Hlüpsyň boşanmak üçin penjeleri bilen aýak urýanyny synlaýardylar.  Saz gaty ses bilen dowam edýärdi  we gapdaldan seredenler üçin Hlups taýagyny silkip, bedenini herekete getirip, guýrugyny galdyryp,penjeleri bilen topragy gazalap saz bilen birlikde tans edýän ýaly görünýärdi.

- Megerem, goja patyşamyz  tans etmegi ýüregine düwdi!  - kimdir biri üýşmeleňden seslendi  we elini çarpdy.

- Aýlan, garry,togalan!  Patyşalar hemişe ýaşdyrlar!  - ýaşulynyň çabalanyp duranyny gören yaşajyk gamýakjagazlar gygyrdylar.  Ahyrynda , Hlüpsyň  halys güyji galmady we garry patyşany täji bilen bilelikde magnit özüne  çekdi.

Käbir gamýaklar Hlüpsyň ýagdaýynyň govy däldigini düşünmäge başladılar ve iñ gaýratly batyrlar patyşa tarap ylgadylar.  Söýgi hakda şadyýan ýaňlanýan sazyň  sesine ýaşuly patyşany ýüp bilen daňyp magnitdan kynlyk bilen çekip aldylar.

Jumbo we Çupoks saz guralyny  öçürmek  üçin aýlanyp duran plastinanyň  üstüne bökdiler, ýöne  olaryň ikisini-de aylap,pyrlap başlady. Sazy aýttyrýan çybyga çolaşmazlyk üçin   Jumbo we Çupoks, bu päşgelçiligiň üstünden stadiondaky atlar ýaly böküp başladylar.  Ahyrynda Çupoks enjamy saklamagy başardy we iň soňky akkordlary çykaryp, saz plastinkasy yuwaşlanyp  doňup galdy  .

Hlups iňňildäp,hasyrdap ýerinden galdy  we halyslykdan  dilini sallap, Fuksige barmagyny görkezdi.

- Sen ... hy-s-s-s ... Adyň nämedi ... hy-s-s-s ... Şulbert!  - Hlups demini  dürsäp we Fuksigy  meşhur kompozitoryň adyna meňzeş söz tapyp  gaharlanyp ýüzlendi.  “Indi hiç hili tomaşa,dabara görkezmersiñ, Şulbert!  - ahyrsoňy Hlüps uludan dem alyp, hasasy bilen haýbat atdy we  öýüne tarap ymtyldy.

Taýpadaşlary Hlüpsy duýgudaşlyk gözleri bilen seredip,ugratdylar.  Şol günden bäri ýaşulynyň ýerine ýetiren ýabany tansy gamýaklaryň ýadynda  hemişelik galypdy we ajaýyp "Şulbert" lakamy Fuksikde hazire çenli saklanýar.

## 5-nji bap. Homkanyň halas edilmesi

Fuksigiň gymmatlyklary gözlemekden aýrylmagy hepdesi başlandy. Gamýakjyk gaty gynançlydy we içgysgynçdy. Dostunyň beýle gynanmazlygy üçin Çupoks we Jumbo köplenç onuň ýanyna barýardylar. Bir gün (jezalanmagyň ilkinji gününde), şunuň ýaly ýygnanyşyklarda ýoldaşlaryň söhbetdeşligi Sofiýanyň öý haywanjygy Homka hakda bolupdy.

Çupoks: "Ol örän mylaýymdy, ýöne birneme geňiräkdi. Şeýle hem, meni myhmançylyga çagyrypdy we hakyky öýüne ymtylýandygyny aýdypdy. Näme diýjek bolýanyna men haýran galdym?

- Elbetde tokaýdyr! - Fuksik aç-açan yglan etdi, - ol haýwan ahyry, şeýle dälmi ?

“Elbetde,haýwan” diýip, Çupoks we Jumbo ylalaşdylar.

- Haýwanlar bolsa nirede ýaşaýarlar? - Fuksik pikirleniş zynjyryny dowam etdirdi.

- Nirede? - diýip sorady dostlar.

- Tokaýda!

- Dogry, Fuksik! - gamýakjyklar razylaşdylar. - Hemişe bolşy ýaly sen akylyň bilen şöhle saçýarsyň!

- Onsoňam, kapasada saklanýar diýýärsiňmi? - Fuksik, öwgüden hoşal bolup, Çupoksdan sorady.

- Bu hakyky. We ony tigirde gün boýy tegelenmäni meçbur edýärler. Bu nähili zalymlyk!

-Diýmek ol ýesirlikde,ezýet çekýändir ! Homkany ýesirlikden azat etmeli! Ol erkinligine mynasyp! - Fuksik joşgunly seslendi.

- Erkinlik! - dostlary oňa gaty ses bilen goldaw berdiler we azatlyga çykarmaga taýynlyk görmäge başladylar. Zerur enjamlary ýygnap, dostlary düýn Homka bilen duşuşan çemenlige gaýdyp geldiler. Derýanyň kenarynda, kapasanyň ýerleşen ýerinde azajyk durdular. Çupoks duýgur burny bilen ysyrganyp, inçejik, ýöne henizem howada galan Homkanyň ysyny aldy-da, yzyndan ýeňilje ädimler bilen şähere tarap ylgadylar. Homkanyň ysyny birnäçe gezek ýitirdiler, ýöne Çupoks ony ýene-de tapýardy we asmanda ilkinji ýyldyzlar ýagtylanda dostlar ahyry şähere ýetip geldiler. Howada köp täze we nätanyş yslar peýda boldy, ýöne Homkanyň yzy has aýdyňlaşdy.

- Yzym bilen öňe! - Çupoks dostlaryna ynam bilen ýolbaşçylyk edýärdi. Gara şortiklaryny geýip, gijäniň garaňkylygy bilen garyşmak üçin yüzlerine gara renkli çyzyklary hem çyzdylar. Ümsüm we çalasyn ýagdaýda, garaňkylykda hereket etdip, zeýkeş çukurlarynda gizlenip, adam ýok ýollaryny saýladylar. Ahyrynda gamýakjyk dostlar enaýyja iki gatly jaýa ýetip geldiler.

- Ine,şu ýerde! - Çupoks ikinji gatyň açyk penjiresini penjesi bilen görkezdi.

- Erkinlik! - Jumbo gygyryp başlady, ýöne Fuksik penjesi bilen derrew agzyny ýapdy.

- Sen näme! Biz gizli hereket etmeli, bu azatlygyň gizlin maksady!

"Aý, bagyşlaň" diýip, Jumbo ýuwaşlyk bilen jogap berdi.

Üç dost iki gatly binanyň ýanyna gizlije bardylar.

Gamýakjyklar daňylan ýüpleri çözüp we ikinji gat penjiresine atdylar. Kanat ýüplerden çalt çykdylar we penjireden içeri girdiler. Içeri girenlerinde, dostlar aýyň ýagtylygynda ullakan kapasany gördüler, oýunjaklar bilen bir hatarda Homkanyň süýji ukyda ýatanyny gördüler. Otagyň beýleki tarapynda başga bir kapasa bardy,onuň içinde toty guş we diwara garşy - balykly uly akwarium bardy. Toty guş myhmanlara geň galyjy seretdi. Jumbo barmagyny agzyna goýup yşarat etdi.

- Seslenme,ýuwaş bol, guş! Gorkma, seni hem halas ederis!

Gamýak dostlaryň ikisi penjireden böküp düşüp, otaga girdiler, Fuksik we Çupoks Homkanyň kapasasyny açdylar we ýuwaşlyk bilen ony ýany bilen getiren ýorganlara geçirdiler. Dostlar ony açyk penjirä tarap göterip başlanda, kimdir bir iniň aýak sesi eşidildi we otagyň daşyndaky yşyk açyldy.

Dostlar aljyrap howlugyp heretlendiler. Penjeleri çalasanlyk bilen ýüpi özüne tarap çekip ýokarda duran Jumbo ýüki kabul etdi we ýanynda goýdy.

“Peýniiiiir” diýip, Homka ukusynyň arasynda seslendide ,gerinip ,başga gapdala öwrüldi.

Fuksik we Çupoks eýýäm penjiräniň üstüne çykdylar we gapynyň daşyndaky aýak sesleri hasam güýçlendi.

- Guş, seniň üçin hem gaýdyp geleris! Tussagdaky balyklar,sizem azatlyga çykararys ! - Jumbo otagda galan «ýesirleri» höweslendirip we penjesini bir ýumruga ýygnap: "Erkinlik!"diýip gygyrdy.

Bu sözler bilen gamýak dostlar ýorgana dolanan Homkany aşak atdylar we yzy bilen özleri hem bökdüler.

- Erkinlik, - diýip, toty guş Güljagaz başyny kakyp yzyndan gaýtalap jogap berdi. Akwariumdaky balyklar aýdara zat tapman we ümsümlikde sessiz galdylar.

Homkaly ýorgan bolsa ýere biraz galanda ýüplere çolaşyp iki ýana çaýkanyp durdy. Gamýakjyk dostlar çaltjak ýere düşüp , ýüpleri çözüp , ýorgany özüne tarap çekdiler. Homkany öňünden oýarmak islemediler we ony diňe tokaýda oýandyrmak meýilleşdirdiler, şeýlelik bilen haýwan üçin ýakymly bir sürpriz etjekdiler - ýesirlikde uklap, hakyky öýünde oýandyrmak maksady bilen.

Aýyň ýýagtylygyna tokaýyň gyrasyna ýetip geldiler. Homkany oýandyryp, dostlary oňa köpden bäri garaşylýan erkinligi hakynda habar bermäge taýyrlanýardylar.

- Oýan, dost! - Fuksik Homkanyň egnini ýuwaşja titretdi.

- Sen azatlykdasyň! - Çupoks özüne we eden işine buýsanyp seslendi..

- Erkinlik! - Jumbo ýürekden gygyrdy we begençden bökdi.

- A? - Homka ukuly gözlerini penjeleri bilen ovkalap, - näme?

Homka gerindi,çekildi , gamýaljyklary görüp, töweregine göz aýlady we haýran galdy.

- Men nirede ?! Siz kim ?! Kapasam nirede ?! -diýip Homka gygyrdy.

- Alada etme, ýesirlikden çykmaga kömek etdik saňa! - Fuksik ony köşeşdirip başlady.

- Häzir sen howpsuzlykda! - Çupoks goldady dostlaryny.

- Ylga, dost! Meýdandaky şemal ýaly erkinsiň indi! - Jumbo dabaraly ýagdaýda yglan etdi we penjesi bilen tokaýyň geçip bolmajak garaňkylygyna görkezdi. Uzakda şol wagt möjegiň sesi eşidildi.

- Ylgaýynmy ?! -Homka haýran galyp sorady. - Nirä ylgamaly, näme üçin ylgamaly ?!

"Olar meni tokaýa sürärler we iýerler" -diýip, Homkanyň kellesinde pikir ýaňlandy. - Hoş gal, Gül! Aý,ýöne söweşmezden ölmerin, meni ýalaňaç penjeleriňiz bilen alyp bilmersiňiz! " - Homka gahrymançylykly pikir etdi.

- Tokaýa, hakyky öýüňe ylga! - Çupoks hoşniýetlilik bilen gaýtalady. “Özüň öýümi küýseýärin diýärdiň. Derýa boýundaky çemenlikde duşuşypdyk, ýadyňdamy? Men Chupoks, indi ýadyňa düşdimmi?

- Aý-how-oh, - diýip, Homka kellesini ýaýkap, agzyny penjeleri bilen gysyp, - hakyky öýüm kwartirada! Men ony küýsedim!

-Biz bolsa seni tussagdasyň diýip pikir etdik! - Fuksik geň galdy. - Tokaýda seniň üçin howpsyz bolar diýen karara geldik.

- Howpsuz ?! Gije tokaýyň ortasynda ?! Hawa, indi ýyrtyjy haýwanlar meni iýer! Şortikden bir bölegem galmaz !!! - umytsyzlyk bilen Homka aglady.

Homkada adamlardäki howsala hüjümi diýip atlandyrylýan tolgunma başlady. Gamýakjyklar ähli tarapdan ony köşeşdirip başladylar we bu iş üçin köp energiýa ve sabyr sarp etdiler.

Netijede, dostlar Homkany köşeşdirmegi başardylar we ol dostlara durmuşy hakda gürrüň bermäge başlady.

Homkany entek kiçijikkän adamlar ony ýanyna alypdylar we onuň ömri hemişe kapasada geçipdi. Homka hakda alada eden Sofi atly gyzjagaz mylaýymdy we köplenç dürli süýjiler bilen şatlandyrýardy. Şeýle hem, Homka bilen otagda gowy görýän toty guşy Güljagaz we aakwariumdky sessiz balyklar ýaşaýardy. Homka durmuşdan gaty hoşaldy we ýabany we ýowuz tokaý haýwanynyň ykbalyna asla üýtgetmek islemezdi.

- Dostlar, meniň hakda edýän aladalaryňyza diýseň minnetdar, ýöne ýalbarýaryn - meni öýe äkidiň! Hojaýynlarym henizem uklap ýatandyrlar, eger irdene çenli kapasama ýetip barsam, ýoklugymy hiç kim bilmez! - Homka täze dostlaryna haýyşt etdi.

Dostlary uludan dem alyp, Homka bilen şähere tarap ýol tutdular we ýary gije Homkanyň ýaşaýan ýerlerine geldiler.

Penjirä ýene-de galyň ýüplerini atdylar , ýene Fuksik we Çupoks ikinji gata çykdylar, aşakda galan Jumbo bolsa Homkanyň pökküje biline ýüpi mäkäm baglady we ýokardaky dostlar ony ýokary galdyryp başladylar. Homka amatly durmuş sebäpli fiziki tarapdan ýüpden dyrmaçmagy bilmeýärdi,şol sebäpli ýokary çykmasy has kynlaşdy . Homkany ýokarky gata çekip çykaran soň, dostlary ony kapasa tarap getirdiler.

Toty guş Güljagaz olara asuda nazary bilen garşylandy, şol gije indi ol hiç zada geň galmaýardy.

- Bagyşla bizi, Homka! Bagyşla bizi, guş! - şowsuz halas edişden nägile, Çupoks gynanç bilen aýtdy.

- Hawwa, Homka, biz ýalňyş netije çykarypdyrys, saňa bu ýerde erbet seredýärler diýip pikir edipdik! Fuksik lapykeçlik bilen başyny ýaýkady.

- Sen ýesirlikde diýip hasaplapdyrys, saňa erkinlik bermek isledik! Jumbo sözüniň üstüni ýetirdi.

- Dostlar! Meniň nähili ýaşaýandygyma serediň! Muňa nädip begenip bolmaz? - Homka jogap berdi we kapasadaky kiçijik çyrany ýakdy.

Fuksik, Jumbo we Çupoks görlüp-eşidilmedik lýuks otaga haýran galyp seretdiler - Homkanyň diňe arzuw edip boljak iň amatly jaýy bardy.

Kapasada , poluň üstünde goýlan halydan başga-da, kiçijik bir divan, oturgyç, şkaf, aýna, ýüz ýuwulýan ýer, pyýada ýörelgesi we hatda ownuk küýzelerde güller bardy. Diwarlarda peýzajly suratlar asyglydy we tutuş kapasa kiçijik rahat jaý ýalydy. Fuksik, Jumbo we Çupoks bu haýranlykdan aljyradylar: elbetde Homka beýle durmuşy ýabany tokaý durmuşyna çalyşmak islemezdi.

- Durmuşymda hemme zat bar! - diýip, Homka aýtdy. Biraz salymdan soň uludan demini aldyda: - Ilkinji söýgim Buskadan başga.

Homka ýenede uludan dem aldy we dostlaryna etekli we arkasynda elde ýasalan ganatlar bilen duran owadan gemriji gyzyň suratyny görkezdi.

- Bir gezek Buska "howaýollary" ýazgyly uçagy görüp, özüniň hem uçup biljegini karar berdi, özi üçin ganat ýasady, şondan bäri ony görmedim men ... - Homka gynanç bilen sözüni jemläp we diwardaky uly afişany görkezdi.Ol afişada açyk gyzyl «howaýollary» ýazgyly ap-ak uçagyň şekili bardy.

Dostlar biraz divanda oturdylar, dynç aldylar, ýöne tokaýa dolanmagyň wagty geldi. Homka bilen hoşlaşdylar we penjireden bökjek wagty Homka olary saklady.

“Meniň şahsyýetim hakda alada edeniňiz üçin size minnetdarlygymy bildirýärin we gynanmagyňyzy islemeýärin. Tokaý doganlarym, sirk şüweleňini görkezmegi makul bildim! - diýip, Homka aýtdy.

- Şüweleňmi? Fuksik tolgunma bilen sorady.

- Hawa, şüweleň! -Homka pökküje ýaňaklary bilen ýylgyryp baş atdy.

- Iň soňky gören şüweleňimiz ... gaty oňatlyk bilen gutarmady! Jumbo birnäme şüphelenip jogap berdi.

- Aý, alada etme, hemme zat gowy bolar! - Homka olary ynandyrdy.

Homka şkafdan inçe uçly papak çykaryp, ýyldyzly donyny alyp, geýdide we soňra kiçijik gramafonda saz açdy. Saz çalyp başlady.

—Hop! - Homka hakyky sirk haýwanlaryň tälimçisi ýaly, gaty ses bilen gygyrdy.

Toty guş Güljagaz bu sözleri eşidip penjesini kapasadan çykardy, gapynyň gulpuny açdy-da, uçup, Homkanyň gapdalyndaky oturgyçda oturdy.

—Hop! - Homka buýrugy ýene berdi. Guş başga bir perwana uçdy.

- Hop! - we toty guş howada tegelenmäge başlady.

Homka ýene-de!" Hop» -diýip gygyrdy. - we balyklar akwariumdan böküp, howada öwrülip, ýene suwa çümdiler.

Şeýle bir ajaýypdy welin, Fuks, Jumbo we Çupoks Homkanyň halas etmek synanyşyklaryny ýatdan çykaryp, şadyýan gülüp başladylar.

Dostlar, esasanam Homkanyň jübüsine bir top salyp, kellesine ýeňil şarpykdan soň bu topy agzyndan çykaran hilesine haýran galyp gülüşdiler. Homka uzak wagtlap dürli zatlary görkezdi, gamýakjyklary güldürdi we hoşlaşmagyň wagty gelende tokaý ýaşaýjylary gitmek islemediler – bu şüweleňi gaty haladylar. Şeýle-de bolsa, ediljek zat ýokdy, öýe dolanmagyň wagty geldi. Homka täze dostlaryny gujaklady we olara üstünlik arzuw etdi. Fuksik, Jumbo we Çupoks Homkany ýene bir gezek görmäge çagyrdylar we obalaryna barýan ýoluň kartasyny çyzdylar. Hoşlaşyp, tokaýyň gyrasynda ýetip gelen gamýaklar şowsuz halas ediş synanyşygynyň sirk çykyşyna mynasypdygyna razy bolup begendiler. Bu wakadan köp wagt geçmänkä, gamýaklar taýpa dostlaryny Homkada gören dürli sirk hileleri bilen haýran galdyrýardylar we güldürýärdiler. Bir gezek şüweleň wagtynda Çupoks bir topy ýuwutdy, hemmeler gaty gorkdular. Bu wakadan soň gamýaklar dürli zatlary agzyna salmagyň howply digine karar berdiler.

## 6-njy bap. Gamýakjyklaryň hazynalary

Hazyna gözleýänler üçin bu gün agyr, uzyn, ýöne üstünlikli gün boldy.  Çupoks, Fuksik we Jumbo daň bilen turup, tokaýyň içinde adamlaryň taşlap giden zatlaryny gözläp toplaýardylar, olar bu işini  asmanda mämişi zolaklar peýda bolýança ve gün uzyn gyrymsy agaçlaryň arkasyna girip günbatara tarap ýuwaşdan gizlenmäge başlaýana çenli dowam etdiler .

Çupoksyň, Fuksigyň we Jumbo-nyň egnindäki  haltalary tapylan zatlardan ýaňa  doludy.

- Oba gaýdalymy indi?  - diýip, Jumbo kellesine ýadaw elleri bilen  sypalap sorady.

- Elbetde, - diýip, Çupoks jogap berdi – şortiklerimiz suw-der bolaýpdyr,guratmasak bolmaz .

Üç dost  obalaryna barýan ýola  öwrülip, galyň otlarda penje yzlaryny galdyryp, ýola düşdiler.  15 minudyň  içinde olar obasyna  ýetdiler.  Dostlar obanyň girelgesinde garawullardan geçip, esasy köçeden ýöräp, Hlüpsyň öýüne geldiler. Garry ýolbaşçy eýwanda otyrdy, ýorgan bilen örtülip, goltugyna termometri goýup we käseden buglanyp duran bir zat içip otyrdy.  Ýolbaşçy gaty oňat görünmeýärdi.

- Gymmat bahaly zatlary kime bermeli, ýolbaşçy?  - Çupoks eýwanyň üstüne çykyp, egnindäki  torbany ýere goýdy.

- Aý, şu gün özüňiz çözüň bu işi , ýigitler, ähli hazynalary  "lombard" -a äkidiň, özümi erbet duýýaryn - diýip, Hlups gyrylan sesi bilen jogap berdi.  - Hazynaçy-ýaşulular garaşýandyrlar,olar  irdenden bäri şol taýdadyrlar.

Gamýakjyklar gymmatlyklaryň saklanýan ýerene  geň söz "lombard" diýip atlandyrýardylar. Gamýakjyklar şäherlerdäki adamlaryň gymmat bahaly zatlary lombardda getirýändiklerini bilýärdi we bu iň amatly ve ynamly ýer diýip pikir edýärdiler.  Adamlara öýkünip,gamýaklar hem  ýeriň aşagyndaky uly gowaga şeýle at beripdirler.Ýerli ýaşaýjylar hazynalary kabul edýänleri bolsa  Pul-Para ve Hazyna-Mazyna lakamlary bilen tanaýardylar, sebäbi olar  bu sözleri ýerlikli we ýerliksiz gaýtalamagy halaýardylar.  Olar Hlups ýaly garrydylar,paýhaslydylar we işine örän jogarkärçiliklidiler, ýakyn wagtda olaryň jogapkärçiligine göz ýetirersiňiz .

Gamýakjyklar, tiz sagalmagyny arzuw edip, Hlüpsyň eýwanyndan çykyp,  hazynalaryň  saklanýan gowagyna gitdiler.  Gowagyň girelgesi gamýaklaryň  obasyny demirgazyk şemallaryndan goraýan beýik baýyrda ýerleşýärdi.  Dostlar  girelgede gamýakjyk garawullar bilen garşylaşyp ,salamlaşdylar  we gowagyň  uzyn koridorundan ýoluny dowam etdiler.  Bu  koridor beýik we giň zala alyp bardy.

Zalda diwaryň ýanynda   galyň kitaplar bilen doldurulan  stoluň başynda  iki ýaşuly  gamýak otyrdy.  Biri gysga boýly  we çişikdi, beýlekisi owadan bakinbartly uzyn boýly we hordy.  Iki gamýagyň  äýnegi  bardy.

- Ýaşulylara salam!  -diýip gamýakjyklar  salamlaşdylar.

- Salam, ýaş gazanççylar, pul-para, ýüzük-müzük,bilezik-şmilezik ,gularhalka getirdiňizmi?   - uzyn boýly Pul-Para mähirli salamlaşdy.

-Salam!  -Galyň kitaplardan ve ýazuvlardan gözlerini galdyrman çişik Hazyna-Mazyna lakamly gamýakjyk jogap berdi?- Nämejik getirdiňiz?

“Köp zat getirdik ” diýip, Fuksik  we dostlary  getiren gymmat bahaly zatlaryny döküp başladylar.

- Hawwa, göreliň, göz öňünde tutalyň, baha bereliň, tekjelere goýalyň, - Hazyna-Mazyna stoldan ulaldyjy lupa  aýnany alyp, getirilen zatlary gözden geçirip başlady.

- Karton guty, bir sany!  Kümüş zynjyr, üzülen, bir sany!  “Güneş jurnal ”  ýygrylan , bir sany!  Metal broşka, bir bölek!  Örtükli  şokolad,  iki tarapdan dişlenen, bir sany!  - Hazyna-Mazyna tapylan  zatlary bahalandyryp we  sanap geçdi.

- Nädip dişlenen?  - diýip  Jumbo we Çupoks geň galdylar.

- Ine şeyle dişlenen! We dış izlerine görä bir dış gyrylan ýa-da döwülen bolmaly! - Hazyna-Mazyna jogap berdi.

Jumbo we Çupoks Fuksige seretdiler, sebäbi bilişlerine görä onuň bir dişinde döwülen ýeri bardy .

- Ýöne bu hozly we kişmişli şokolad şeýle bir süýji ve tagamlyda ... - Fuksik çekinip jogap berdi.

Jumbo we Çupoks kellesine şarpyk çalmak niýeti bilen Fuksige tarap ýakynlaşyp başladylar, ýöne Fuksik kiçijik bir gizlin gapyny görüp, jeza çäresinden gaçmak üçin bu gapa tarap yza çekilip başlady. Gapy gaty könedi ve syrly görünýärdi.

Ýaşuly hazynaçylar Fuksigiň bu hereketini gaty giç esevan etdiler.

- Dur, şol ýerde,gymyldama! .. – Hazyna-Mazyna gygyrdy.

Pul-Para ulaldyjy aýnany elinden gaçyryp, sessiz aňk-taňk bolup galdy.

- Näme diýdiňiz? - Fuksik ýaşulylaryň sesine tarap öwrüldi, ýöne şol wagt Jumbo we Çupoks bir birine çolaşyp büdürediler we Fuksikiň üstüne ýykyldylar. Üçüsi bilelikde gapynyň arkasyna tegelenip düşdüler. Gapy olaryň arkasyndan ýapyldy we hemme ýere birden garaňkylyk düşdi.

- Ol taýy taşlanan labyrint ! - Pul-Para gygyrmagyny dowam etdirdi, ýöne eýýäm peýdasyzdy: gapy dostlary daşarky dünýäden kesdi.

Garaňkyda gamýakjyklar birnäçe ädim öňe, soň yza ýörediler, ýöne zyndanyň diwarlaryny penjeleri bilen näçe gezdirselerde , gapyny tapyp bilmediler.

- İndi näme edeli? - Çupoks ýuwaşlyk bilen sorady. Ol gaty gorkdy.

- Şol taýda bir zat ýylpyldaýar, ýagtylyga tarap gideliň. Belki çykalga taparys - diýip, Fuksik jogap berdi.

Dostlar labirintiň garaňkylygynda ýöräp , hemme ýerde bol-bol asylan möý gurumlaryna çümüp başladylar. Ýüzlerine ýapyşan gurumlary penjeleri bilen aýyryp , gamýakjyklar yuwaşjadan ýollaryny dowam edýärdiler.

- Göz öňüne getiriň - diýip, Jumbo seslendi – birden bärde ullakan möýler, ýylanlar we ýerganatlar ýaşaýandyr. Belki olar zäherlidir ...

Fuksik: "Ýerganatlar zäherli bolmaýarlar " -diýdi.

- Ine, ol kelläňe böker welin, şonda görersiň - diýip, Jumbo gaharly jogap berdi.

- A-a-a-a-a! - gamýaklar bir ses bilen gygyryp we labyrintyň içinden ylgap gitdiler.

Tüweleý ýaly ylgaýşyna, tükeniksiz öwrümlere çümüp, gapydan has uzaklaşdylar. Ahyrynda ýadaw gamýakjyklar demini almak üçin saklandylar.

"Ol ýerde bir ajdarha bardy, aýdanlaryma ynanaýyň!" - Jumbo demini alyp seslendi.

- Hawwa, menem gördüm! - Çupoks razy boldy.

- Ay goýsaňyzda, ol ýerde hiç zat ýok!

- Aý, bolýar, - Çupoks egnini gysdy. - Geliň, şu ýerden çykalyň. Ýogsa-da, biz nirede şu wagt?

Jumbo: "Meniň pikirimçe, bu obamyzyň aşagyndaky köne labirint ulgamy" -diýdi. “Bu ýerden birnäçe çykyş bolmaly. Şol çykyşlaryň birini taparys ...

Çupoks nägilelik bilen: " Gaty suwsadym. – Limonad bolaysady şu wagt.

- Men bolsa ajykdym ! - Jumbo sözüniň üstüni ýetirdi.

Dostlar aýaklaryny duýman ýene ylgadylar. Burulmalar we koridorlaryň diwarlary bir-birine meňzeýärdi. Fuksik bütin gün ylgan ýaly duýardy özüni ,şol ylgap barşyna , birden Jumbonyň arkasyna ýykyldy, Çupoks bolsa onuň arkasyna çaknyşdy. Gamýakjyklar bir-biriniň üstüne ýykyldylar.

- Sen näme üçin durduň birden? - Fuksik aşagynda ýatan Jumbodan sorady.

Sorady-da,soň kellesini ýokaryk galdyryp seretse ,potolokdaky kiçijik deşikden gün şöhlesini gördi.

Jumbo: "Meni göteriň, geçelgäni giňeldeýin" -diýdi. Gamýakjyklar ýerinden turdylar, Jumbo Çupoksyň egnine çykdy we penjeleri bilen çatlagy giňeldip başlady. Ýokardan aşak toprak,tozan uçup gaýtýardy, soň bolsa bir ýapyk sandyk uçup düşüp we gamýakjyklar üçin ýagtylyga has aýdyňlatdy.

- Way, hazyna, - Çupoks birneme geň galdy.

- Ol bu ýere nireden geldi? - Fuksik geň galdy. - Ata-babalarymyz iki asyr mundan ozal tutuş etraby gazypdylar ahyry.

Jumbo: "Munuň ähmiýeti ýok, özümiz bilen äkideris" -diýdi. - Çupoks, göter meni.

Çupoks kiçijik gamýakjygy ýokary zyňdy we Jumbo emele gelen tuneliň içine uçup girdi. Güýçli dyrnaklary bilen diwardan dyrmaşyp, özüni çekdi-de, öňündäki açyk ýere çykdy. Bir görse Hlüpsyň aşhanasy ekeni. Polda, ojagyň gapdalynda, hapalanan Jumbonyň çykan ýerinde Hlüpsyň agtygy şyşkalar bilen oýnap otyrdy.

-Oglanjyk, ataň nirede? -diýip Jumbo sorady.

- Gitdiler,hemmesi. Labirintde ýiten gamýakjyklary gözlemäge gitdiler. Obada hiç kim galmady.

- Labirintde başga ýene biri ýitdimi? - Jumbo geň galdy. - Way, garybanlar . Balam, maňa bir ýüp ber hany.

Hlüpsyň agtygy ýüpi getirdi we Jumbo ony geçelgeden aşak sallady. Ilki bilen sandygy ýokaryk galdyrdylar,soňra bolsa aşakda galan gamýaklar ýokaryk çykdylar.

Aşhananyň ortasynda durup, asgyryp-üsgürip,tozandan we kirden özlerini arassalap duran badyna , gapy açyldy-da içerik kellesi daňykly we çym-gyzyl burunly Hlups girdi.

- O! - Hlüps geň galdy. – Biz sizi zyndanyň hemme ýerinde gözläp ýöriz!

- Hawwa, özümiz halas bolduk – gamýakjyklar ikirjiňlenip jogap berdiler.

- Ata, a biz bolsa hazyna tapdyk! - agtygy şatlykly öwündi.

- Wiý, bu meniň ilkinji hazynamdy, ýigrimi bäş ýyl ozal bir ýerde ýitirdim,ahyrynda gör nireden çykaýdy.

Hlups seresaplylyk bilen sandygy sypalady, gapagyny açdy-da, agtygy bilen ýerde oturyp içindäki köne hazynalary gözden geçirip başladylar. Fuksik, Çupoks we Jumbo maňlaýlaryndan derini süpürdiler, suw içdiler we obanyň beýleki ýaşaýjylaryny gözlemäge gitdiler, tapylandygyny we indi gözlemegiň zerurlygynyň ýokdugyny aýtmak üçin.

- Eý, ýigitler! - Hlups gamýakjyklaryň yzyndan seslendi - Ýaşy ululary haçan diňlemegi öwrenersiňiz? Geçen hepdäniň boýun egmezlik hekaýasy size ýeterlikli bolmadymy näme?

Gamýakjyklar bilelikde uludan demini aldylar-da we gynançly ýüzleri bilen çykyşa tarap ýörediler - ýaşulularyna boýun egmediklerinde hekaýanyň elbetde nähili bolup gutarandygyny gowy ýatlaryna düşýärdi.

## 7-nji bap.Ýaşulylara boýun egmedik Fuksik,Çupoks we Jumbonyň başdan geçirmeleri.

Bir gezek Fuksik, Çupoks we Jumbo obanyň esasy meýdanynda duşuşdylar. Çupoks höwes bilen alma gemirýärdi, Jumbo oýlanyşykda bir oty çeýnäp durdy, Fuksik bolsa , penjelerini şortikleriniň jübüsine salyp taýakly süýjini nirden tapyp boljakdygyny oýlanýardy.

Birden Fuksigyň aklyna gaty gyzykly bir pikir geldi.

- Dostlar! Näme üçin tapylan hazynalary obanyň "lombardyna" tabşyrmalydygymyza düşünemok, näme üçin tapylan zatlary adamlara eltip, kimiň getirendigini görmekleri üçin bermeli däl?

Çupoks bu sözleri eşidip,bir salym alma gemirmesini bes etdi, Jumbo bolsa : "Sebäbi ýaşulular şeýle buýruk berdiler, edilmelisi şeýle diýmek!"-diýip jogap berdi.

- Eger şeýle etsek, adamlardan her dürli süýjülik alardyk, adamlar hem bizi öwerdiler! -diýip Fuksik köşeşmedi.

- Ýöriň , ýaşuly Hlüpsdan soraly, ol hemme zady düşündirer! - Çupoks ahyrsoňy almasyny çeýnäp jogap berdi.

- Aý, ol akyl öwredip başlar welin - agşama çenli sapak geçer! - diýip, Fuksik iňildedi.

- Hakykatdanam, patyşa Hlüpsyň ýanyna gideliň! Ol bize anyklap düşündirer! - Jumbo dostuny goldady.

Dostlar Fuksigiň iňňildesini we ikirjeňlenmesini diňlemän, Patyşa Hlupsyň öýüne tarap gitdiler.

Patyşa Hlupsyň öýüniň öňünde gamýakjyklar saklanyp üsti-başyny tertipläp başladylar, sebäbi patyşa arassaçylygy halaýardy we egin-eşikde ýa-da saç düzüminde biperwaýlygy göräýse hasasy bilen urup bilýärdi.

Çupoks gapyny kakdy, bir minutdan soň öýüň içinde aýak sesi we üsgülewük eşidildi. Gapy açyldy we gapyda patyşa Hlups peýda boldy. Ol köne reňki solan mantiýada-dy, gysga şortikde , kellesinde bolsa gyşarylan demir täji bardy, penjelerinde bolsa Hlüps hasasyny – ýagny egrilen uzyn taýagyny tutýardy.

- Hawwa,ýigitler, näme üçin geldiňiz? - patyşa gapyda duran gamýakjyklara mähirli ýylgyrdy. - Belki, ejeleriňiz maňa bir bölek süýji peýnir ýa-da bir küýze miwe mürepbesini iberdimi?

-Ýok, patyşa hezretleri! - Çupoks öňe çykyp seslendi. – Bize siziň maslahatyňyz gerek!

- Bolýar, maslahat bolsa ,maslahat! - patyşa derrew içini gysdyryp , başyny silkip, täjini jyňňyrdadyp üsgürdi. – Ýöne gysga gürläň, men bolsa ojagyň ýanynda oturaýyn!

- Patyşa aýtsana ! Adamlardan süýjilikler almak üçin we olaryň dosty bolmak üçin tapylan hazynalary adamlara aç-açan äkidip bilerismi? - Jumbo taýynlanýan ýaly bir demde soragyny berdi.

Patyşa Hlups başyny ýaýkady, uludan demini aldy we şeýle jogap berdi: “Biz ençeme ýyl bäri adamlara hazyna getirýäris. Adamlara özümizi görkezmeýäris we hazynany özümiz tapandygymyz bilen öwünmeýäris. Biz öwgä, sowgatlara we minnetdarlyga garaşmaýarys. Mundan başga-da, sizi wasp etseler, bu zyýanly bolar, sebäbi şonda her gamýakjyk diňe özüni iň gowy diýip hasaplar we bu hemişe erbetlik bilen gutarar! " Patyşa Hlups gamýaklara aç-açan seredip, penjesini silkdi-de gapyny ýapdy.

Fuksik, Çupoks we Jumbo biri-birine seretdiler.

- Ýöne, patyşa ! .. - Çupoks jedel etjek boldy, ýöne gapy eýýam ýapykdy we hiç kim oňa jogap bermedi.

Fuksik gapa dilini görkezdi-de, dostlaryna ýüzlendi:

- Mende bir pikir bar: geliň, patyşanyň sözlerini iş ýüzünde barlap göreliň, belki köne düzgünleri üýtgetmegiň wagty geldi? Patyşa ýalňyşýan bolsa, tutuş taýpa bize minnetdarlyk bildirer we öwerler!

- Öwgä garaşmak, has takygy öwgini dilemek diňe zyýandyr,özüň eşitdiň patyşanyň aýdanlaryny! - Jumbo gaşlaryny çytyp jogap berdi.

- Ay, bir hili manysyz sözler! - Fuksik seslendi. - Öňe, yzym bilen , ýogsam gorkaklara meňzeýärsiňiz!

Gamýakjyklar eginlerini gysyp, biri-birine seredip Fuksigyň yzy bilen ylgadylar.

- Şeýle! - Fuksik dildüwşük görnüşini alyp Çupoksa tarap öwrüldi: - Ene-atalarymyza oýun oýnamak üçin Jumbolara gitdik diýýeriz, düşündiňizmi?

Jumbo tarap öwrülip, Fuksik sözüni dowam etdi:

- Siziňkilere bolsa - Çupokslara oýnamaga gitdik diýýeris! Ene-atalar bize ulular tarapyndan gözegçilik edilýär diýip pikir ederler ,biz bolsa şol wagt köne düzgünleri barlap göreris!

Gamýakjyklar dürli tarapa dargap gitdiler we tiz wagtdan ýene şol ýerde jemlendiler.

Fuksik penjelerinde tüýduk , taýakly deprek, köne broşka, egri taýak we gara şarf - bandana saklaýardy. Çupoks bu zatlaryň hemmesine görüp sorady:

- Bulary näme etjek,nämä gerek bular?

Fuksik pespällik bilen düşündirdi:

- Bu broşkany men tokaý kenarynda tapdym,buny tokaýçy adama we onuň aýalyna eltip bereris! Çupoks sen tüýdigi çalarsyň, Jumbo, deprek kakarsyň, has şowhunly görüner ýaly! Men bu taýaga gara ýalygy daňyp götererin,baýdak ýerine ! Adamlar diýseň begenerler!

Jumbo gara ýalygyň ýüzünde ak reňk bilen çekilen kelle çanağa we sünklere şübheli seredip sorady:

- Munuň owadan baýdakdygyna bir ynanýarmysyň özüň?

Fuksik dostuna gahar bilen seretdi we jogap berdi:

- Elbetde ynanýaryn! Dürli suratlarda adamlaryň şeýle ýalyklary nähili geýýändiklerini köp gezek gördüm! Öňe, tokaýçynyň öýüne tarap !!!

Bir minutdan soň Fuksik, Çupoks we Jumbo tokaýyň içinden geçýän ýol bilen geçip barýardylar. Çupoks gaty ses edip tüýdigini üfleýärdi, Jumbo taýajyklary bilen deprek çalýardy, Fuksik bolsa gara baýdagy we köne broşkany göterip gelýärdi. Agaçda oturan garga bulary görüp geň galyşyna ilki çürnügündäki peyniri gaçyrdy,soňra bolsa tasdan özü ýykylypdy.

Edil şol pursatda dostlar tokaýçynyň öýüne ýakynlaşypdylar ,öý hanymy bolsa ýuwulan eşikleri asmak üçin daşaryk çykypdy. Tüýdügüň inçe sesini we depregiň gykylyk sesini eşiden tokaýçynyň aýaly duýdansyzlykdan ýaňa ýuwulan eşikli legeni elinden gaçyrdy.

Bu geň -enaýy kompaniýa ýakyndan seredip, kelleçanakly we süňkli gara baýdagy görüp gorkujyna gygyryp öýüne gaçmak bilen boldy. Bir sekuntdan soň ýaragly ullakan sakgally tokaýçy adam gapydan çykdy-da gaplaň ýaly gygyrdy. Tokaýçy maksat edinip, gara baýdagy tüpeninden atdy. Baýdak döwüldi, gara mata bolsa Fuksigyň kellesine düşdi. Gamýakjyklar gorkup, ylgamak bilen boldular, ýöne Fuksik ol gara mata aýagy çolaşyp büdüräp tozana ýykyldy , Çupoks bilen Jumbo onuň yzy bilen üstüne ýykyldylar. Tokaýçy ýene-de gaty sesi bilen gygyrdy, tüpeni bilen ot açdy,ýöne oklar arça agaja degip, gamýakjyklaryň üstüne bir süri iňňelerini we şyşkalaryny gaçyrdy. Gorkujyna gamýakjyklar gygyryp-bagyryp aýaklaryna zordan galyp we bir-biriniň üstüne dyrmaşyp , öýlerine tarap ylgadylar.

Obalaryna biraz ýakynlaşan soň ,ädimlerini haýaldyp , gamýakjyklar başdan geçirenlerini maslahatlaşmaga başladylar. Fuksik demini doly dürsemän, Çupoksy penjesi bilen dürtdi-de :

- Çupoks,hemmesine sen günäkär! Tüýdigiňi inçejik ses bilen üflediň !!! Şonuň üçin adamlar bizi gaty erbet garşyladylar!

- Menmi ?! Meniň näme günäm bar ?! - diýip gygyrdy Çupoks. – Bu ilkibaşdan erbet pikirdi!

- Şeýlemi ? Onda Jumbo günäkär! Depregi gaty güýçli urdyň, mylaýym we ýuwaş kakmalydyň ! - Fuksik derrew özüni ýitirmän dowam etdi.

- Näme ?! Utanmaýaňmy ?! - Jumbo muňa gaharlandy.

Gamýakjyklar jedelleşip we bir-birlerini günäkärläp gelişine,oba ýakynlaşanlaryny esewan etmändirler, birden ýokardan garry garganyň gykylygy eşidildi:

- Jedel etmegi bes ediň! Sizi häzir ýaraşdyrarlar! - ýylgyryp, ganady bilen oba tarap görkezdi. - Uly ýaşulylary diňlemeli! Bütin tokaýy aýak üstüne galdyrdyňyz, tokaýyň hemme ýerinde tüpeň sesi ýaňlandy, ýaşaýjylaryny gorkuzdyňyz, siz sebäpli ýaşaýyş ýok, dogry iş etmegiň ýerine bolar-bolgusyz işler bilen meşgullanyp ýörsiňiz , ene-ataňyz size görkezer häzir ...

Garga nägileligini we gaharyny dowam edýärdi, ýöne gamýakjyklar ony diňlemediler. Fuksik, Çupoks we Jumbo oba tarap seredýärdiler.Bütin gamyakjyklaryň taýpasy dymyp,ýaşulylary diňlemedik dostlara garaşýardylar. Ene-atalary Fuksigy, Çupoksy we Jumbony garş aldylar. Patyşa Hlups uludan demini alyp we başyny ýaýkap, gynanç bilen ýylgyrdy.

## 8-nji bap. Kumbreklar bilen duşuşyk

Tomusyň bir güni, Fuksigiň geçen jezalandyrylanmasy gutarandan soň, Jumbo we Çupoks bilen bilelikde hazyna gözlemäge çykypdy. Dostlar ir säher bilen obadan çykyp gidipdiler . Ýola çykyp, hazyna gözlemek üçin köplenç gamýakjyklar tarapyndan aýdylýan gözleg aýdymyny aýdyp barýardylar. Dostlar ýoldan düşüp, tokaýyň içine giren badyna, birden saklandylar, olar özlerine meňzeş ot süýräp barýan üç sany haýwanjygy gördüler .

Bu üç haýwanjyklar, egin-eşiklerine we örülen saçlaryna görä gyzjagazdylar , gamýakjyklardan tapawutlanan ýeri tüýleri has goýurak reňkdedi we guýruklary has ýumşajykdy.

Gamýakjyklar, daşyndan owadan we mähirli jandarlar bolup görünselerde, öňünde nätanyş birini görseler ýa-da duşuşsalar, öz ýerlerini goramak üçin haýwan instinktini ýüze çykarýarlar. Birnäçe sekunt dymyşlykdan soň, Fuksik penjelerini biline goýup birnäçe ädim öňe ätledi.

- Siz kimsiňiz? Ol dostlaryna seredip, goldaw sorap, gorkujy hereket etmegini yşaratlady. Şol bir wagtyň özünde Jumbo we Çupoks hem özlerini söweşjeň görkezdiler - gaşlaryny çytdylar we ýüzlerine gaharjaň şekil berdiler.

- Biz kumbreklar! Meýdanlaryň, derýalaryň we daglaryň hojaýynlary bolan-Kumbreklaryň taýpasyndan! - uzyn boýly gyzjagaz jogap berdi . - Meniň adym Kwasulýa, onuň ady Kukvimba, a bu bolsa Mabasýa. A sizler kimsiňiz?

- Biz gamýakjyklar! Ýitirilen hazynalary gözleýänler we gymmatlyklary tapýanlar, Gamýakjyklaryň güýçli taýpasyndan biz! Nirä barýarsyňyz we arabada nämeler daşaýarsyňyz? - Fuksigyň arkasyndan Jumbonyň sesi eşidildi.

- Biz näme size hasap bermelimi? - Mabasýa ýerlikli jogap berdi.

- Bir ýere barýardyňyz däl-mi? Şonuň üçin öz ýoluňyz bilen ýöräberiň ! -Kukwimba haýbatly dowam etdi.

- Bu biziň ýerimiz, bu ýerde kimiň we näme işler edýändigini bilmelidiris! - diýip, Çupoks aýtdy.

- Bu siziň ýeriňizdigini tassyklaýan dokumendyňyz barmy? -Kwasulýa gülümsiräp sorady . Bu sorag gamýakjyklary biraz aljyratdy .

Kumbrek gyzjagazlar Kwasuliniň degişmesine gülüp başladylar, gamýakjyklaryň bolsa buňa gahary geldi.

Fuksik Kwasulanyň ýanyna baryp, ony ýoldan aýyrjak boldy, ýöne Kwasulýa Fuksige ýol bermän, berk we aýgytly durmagyny dowam etdi.

- Ey, oglan, penjeleriňi özüňde saklasaň gowy bolardy! - Kwasulýa duýduryş berip, gaşyny çytyp we ýiti dişlerini görkezip ýylgyrdy.

Tokaý ýolundaky ýagdaý barha dartgynlaşýardy.

Kwasulýa örän özüni gaýratly duýýardy,çünki bir zaman tokaýda tapylan el-aýak söweşi baradaky kitaby okapdy. Bu kitabyň ady "Ýaragsyz goranmak" gollanmasydy we Kwasulýa kimonoly geýnen adamlaryň suratlaryny gowy ýada saldy. Özüne ynamly Kwasulýa söweşe garaşyp ýylgyrdy, Mabasýa bilen Kukwimba bolsa gerindiler, agzlaryny penjeleri bilen ýapyp,gülüşip ,kenara çekildiler.

Fuksik Kwasulýany hasam aýgytly itekledi we derrew burnuna bir ýumruk degdi. Gözleri ýaşdan dolan Fuksik şol bada ýyldyrym çaltlygynda ony uran penjeleri dişläp topuldy . Kwasulýa gözlerini gamaşdyryp, Fuksiga tarap ylgady-da, dişledi we dyrmalady. Birnäçe ýyllap dowam eden agyr türgenleşikler, kämilleşdirilen usullar we tehniki taýýarlyklar biderek boldy we tokaý ýaşaýjylaryň bu söweşi gyrlyşyk, togalanşyk, tüý döküşme we deri ýyrtyşma bilen adaty tokaý söweşine öwrüldi.

Fuksik, Jumbo we Çupoks bir sagada golaý wagtyň içinde obalaryna ýyrtylan eşikli, gögermeler we dyrnaçaklanan ýüzleri bilen gaýdyp geldiler.

Gamýakjyklaryň obadaşlary, şowsuz gahrymanlaryň geň-enaýylyk bilen yzygiderli düşýän wakalaryna öwrenşipdiler, ýöne bu bolan hekaýalaryny diňlänsoň, her kim bulara duýgudaşlyk bildirdiler we çynlakaý aladalandylar. Ýogsa-da - iki damja suw ýaly gamýakjyklara meňzeş görlüp-eşidilmedik haýwanjyklar bularyň asyrlarça eýelän ýerlerinde aýlanyp, özlerini gaty gödek alyp barýan haýwanjyklar kim kä? Tire maslahat üçin ýaşululara ýüz tutdy. Obanyň paýhasly baştutanlary aljyraňlylyga düşdüler, hiç kim kumbreklar atly taýpa hakynda hiç zat bilmeýärdiler, diňe garry Hlups başyny ýaýkap, aýaklaryny silkişdirip, arada meýdançada bolan magnitly wakany ýadyna saldy-da hasasyna bil baglap:

«Men olaryň kimdigini bilýärin»-diýdi.

Gyzyklanan taýpa, demini alyp, gojanyň ýanyna ýakynlaşyp, daş töweregine tegelenip diňlemäge başladylar.

- Köp wagt mundan ozal, atamyň atasynyň döwründe gamýaklar we kumbreklar taýpasy tutuş bir taýpa hasaplanýardy . Şol döwür gamýakjyklar we kumbreklar diýen aýryntylar ýokdy ...

- A kimler bardy ?! - tutuş taýpa agzalary hemmesi bilelikde sorap, söýgüli patyşanyň töwereginde has rahat ornaşdylar.

- Tüýlije gulaklylar bardy ... - diýip, Hlups gynanç bilen aýtdy. – Mähirli we mylaýym tüýlije gulaklylar ...

-Tüýlije gulaklylarmy ?! - gamýakjyklar haýran galyp gaýtaladylar.

- Hawwa, hawwa ... - Hlups başyny atdy. - Bu şöhratly taýpa gadymy döwürlerden bäri hazynalary tapyp , olara yzyna gaýtaryp beripdirler - bu olaryň maksady, wezipesi we durmuşyň manysydy.

-Taýpadan hiç kim hazynalary adamlara näme sebäpli gaýtarylmalydigini bilmeýärdi ýa-da ýadyna düşmeýärdi, ýöne munuň zerurdygyna hemmeler düşünýärdi. Zerur we möhümdigini bilýärdiler! - Hlüpsyň sesi tolgunmakdan titredi. - Bu tüýlije gulaklylar taýpasy tokaýyň umydydy we ynsabydy : iň sowuk ýa-da aç döwürde bu dostlukly taýpa islendik haýwana gaçybatalga berip, gyzdyryp we iýmitlendirip bilerdi ...

-Hatda pilidemi ?! - inçejik sesli birisi ýuwaşlyk bilen sorady.

-Aý , ümsüm bol !! Nähili pil?! Bu Afrika däl ahyry!! Bu hakda pikirlenmediňmi! - hatardan kimdir biri seslendi.

- Dowam ediň ,Siziň merhemetliňiz, biz sizi diňleýäriz! -diýip Jumbo haýyşt etdi.

- Soň bolsa bir gün bu taýpa üçin agyr we kyn zaman geldi - diýip, Hlups dowam etdi. – Bir ýyl gaty erbet boldy: gurakçylyk, tupançylyk we dürli heläkçilikler köp boldy.

Patyşa Hlups tarapyndan oýlanyp tapylan nätanyş sözlerden tutuş taýpa birneme geň galdy, ýöne hiç kim patyşanyň sözüni kesip bilmedi: çünki ol aňsatlyk bilen ýerinden turup gidip bilerdi , soň gyzykly hekaýaçyny gözläp tapmak kyn bolardy.

-Şol ýyl tokaýda asla iýmit ýokdy: ot-çöp gurapdy, kömelek, miweler ýokdy – iki baka ýöräp aýlanyp, patyşa şygaryny dowam etdi. - Hemmeler açlyk-horluk çekýärdi: möjekler, ýabany doňuzlar, sygyrlar,towşanlar ,hat-da garynjalaram...

- Hatda pilleremmi ?! - kimdir biri şol bir inçe ses bilen ýuwaşlykdan sorady.

Hlups gözlerini gamaşdyrdy, taýpa berk seretdi we dymdy.

-Şu ýürege düşýäni aýyraýyň!! Pil- pil diýip aldyň ýöne! Sen iň akyllymyň ýigit ?!- beýlekiler gaharlanyp başladylar.

-Bu ýyl tüýlije gulaklylar hem kösendiler we açlyk çekdiler: ähli bugdaýlar tükenipdi, ammarda däne ýokdy, lombardda gymmat bahaly zatlar we hazynalar ýokdy - patyşa hekaýasyny dowam etdi. – Tüýlije gulaklylar açlyga we kynçylyklara uçradylar.

Taýpa Hlupsyň soňky sözlerinden soň demini alyp,doňup galdy. Hatda agaçdaky guş hem kakmagyny bes edip, gorkudan ýaňa gözlerini tegeläp dymdy.

-Şol kyn döwürlerde taýpadaky Skumbrey atly agzasy dişlerini gysmak niýetiniň ýoklygyny, taýpany terk edýändigini we hazynalary adamlara eltmeli däldigini aýtdy! Razy bolan her kimiň onuň yzy bilen gidip biljekdigini aýtdy! - Patyşa Hlups uludan demini aldy we gamýakjyklaryň kellelerinden uzaklara seretdi.

Gamýakjyklar hemmesi bilelikde kellelerini Hlüpsyň sereden tarapyna aýlap, hiç zat görmän,ýene-de bilelikde yzyna aýladylar.

- Skumbreýyň yzyndan,taýpanyň takmynan üçden bir bölegi gitdi, galanlary garry patyşa Gamýaçkos bilen galdylar – ol meniň atamyň-atasynyň-atasydy - Hlups dowam etdi. - Şondan bäri Skumbreýyň yzyndan gidenleriň adyna “skumbrekler”, soň bolsa “kumbrekler” diýip başladylar. Gamýaçkos bilen galanlara bolsa - gamýakjagazlar diýip atlandyrýardylar. Şeýdip bir uly taýpa iki bölege bölündi.

Özlerini “kubreklar” diýip atlandyran taýpanyň bölegi uzak bir ýere gitdiler we şondan bäri olardan hiç hili habar ýok. Şol günden bäri hiç kim tokaýda kumbrekleri görmedi: ne tilkiler , ne bürgütler, ne-de gemrijiler ...

- Hatda pillerem görmedimi ?! - kimdir biri şol bir inçe sesi bilen patyşadan ýuwaşlyk bilen sorady.

- Ol ýerde kim beyle akylly ?! Bu ýigidi aýyryň şu ýerden !! Ne bela boldy?! - taýpanyň agzalarynyň sabry doldy.

Patyşa Hlups gamýakjyklara seredip, olaryň içinden pili söýýän oglanjygy gözleri bilen gözläp, hasasy bilen dürtjekdi velin , ýöne tapyp bilmedi we birazdan köşeşdi.

-Ynha indi kumbreklar peýda boldular we Fuksigyň gögermelerine görä,olar öňkileri ýaly gazaply we söweşjeňe meňzeýärler - Hlups bu sözler bilen çykyşyny tamamlady.

Gamýakjyklar, Hlüpsyň sözlerinden soň, täzelikleri ara alyp ala goh bilen maslahatlaşyp başladylar. Köpüsi, esasanam has gaharjaň pikirliler, jenaýatçylary gözlemegi we derrew ar almagy teklip etdiler. Emma Hlüps birden sesini ýükseldip, hasasy bilen ýere kakyp, näme sebäpli bir zamanlar patyşa bolup saýlanandygyny görkezdi.

- Beýle çalt netijä gelmegiňizi maslahat bermeýärin. Ýaşajyk haýwanlar köplenç urşyp-şöweşip özlerini tanatmaga we abraý gazanmaga synanyşýarlar, Fuksigiň hiç zat ýok ýerde bolar-bolgasyz hekaýalara düşýändikleri hakynda size ýatlatmagyň zerury ýokdyr diýip pikir edýärin . Eger kumbreklar bilen ýene-de duşuşsak, meniň pikirimçe, her kimiň has dostlukly hereket etmegiňizi we garyndaşlarymyz bilen aragatnaşyk gurmaga synanyşmagy has gowudyr diýip pikir edýärin. Şeýle-de bolsa, şunça ýyllap nirede ýitirim bolandyklaryny we näme üçin dolanyp gelendiklerini bilmek isleýärin.

## 9-njy bap. Homka bilen Güliň gamýakjyklaryň obasynana gelişleri.

Kumbreklar bilen bolan wakadan birnäçe hepde soň, gamýakjyklaryň obasynda başga bir üýtgeşik waka boldy.

Şol gün irden obanyň hemme ýeri güneşlän badyna Fuksik oýanyp, geýinip başlapdy. Ýatan ýerini düzedip , öýünden çykdy. Jumbonyň we Çupoksyň penjiresini kakyp Fuksik dostlaryny maşk etmäge çagyrdy. Jumbo we Çupoks doganlardy, Fuksigyň hem bir wagt dogany we uýasy bardy- Şetdaly we Pusýa , ýöne ençeme ýyl ozal ejesiniň aýdanyna boýun egmän, özbaşdak kömelek ýygnamak üçin tokaýa gitdiler we ýitirim boldylar. Ulylar uzak wagtlap olary gözleseler-de, tapmadylar.

- Tur-ma-lyyy! Türgünleşige başlalyň! - Fuksik buýýurdy. Muňa - «rahatsyz etme» we «ýatyrmadyň ey» diýen gykylykly sözler we eplenen joraplar penjereden jogap hökmünde uçup geldi.

Ýöne tutanýerli Fuksik uçyp gelen ýene bir-iki sany zatlardan goranyp, dostlaryny oýandyryp , daşaryk çykarmagy başardy. Fuksik halaýan gantellerini eline alyp, saga-çepe, ýokaryk-aşak galdyryp türgenleşip başlady. Jumbo we Çupoks bolsa wagtlaýynça goşmaça agramsyz gyzmagy makul bildiler. Fuksik öz gantellerini gaty gowy görýärdi, Jumbo bolsa Fuksigyň gantellerinden gaçýardy we halamaýardy. Onuň hem sebäbi bardy. Gyşda bir gezek ganteller ajaýyp aýaz bilen örtülipdi we Jumbo buny doňyp galan süýjilere meňzedip dili bilen tagamyny dadyp görmek niýetläpdi. Netijede bolsa, aýazyň tagamynyň kän bir oňat däldigini düşündi, ýöne Jumbonyň dili derrew demire ýapyşyp galdy. Dostlary buny halas etmek üçin ilki kellesini çekmeli boldular, soň bolsa çäýnekden gaýnag suwy alyp gantele we Çupoksyň diline guýmaly boldular. Bu wakanyň netijesinde Jumbo bir hepde ýaly gürläp bilmedi we çişen dili bilen aýlanyp gezmeli boldy, beýleki gamýakjyklar bu hekaýany käte ýatlaýardylar we hatda üstünden gülýärdiler. Daşyndan gülkünç ýalydy, ýöne aslynda bu ýerde gülmäge zat ýokdy .

Dostlar ýany bir maşk edip başlan badyna, gamýakjyklaryň obasynyň girelgesinde bir tolgunyşyk başlandy. Jumbo we Çupoks, türgünleşigi terk edip, şol ýere ylgadylar we Fuksik olary türgenleşige

gaýtarmak isläp, doganlaryň yzyndan ylgady. Biraz ýakynlaşanlarynda dostlar märekäniň iki köne tanyşlaryny - Homkany we Güljagazy gurşap alandygyny gördüler!

Haýwanjyklar ýyrtylan eşikde, ýadaw görünýärdiler, Homka hatda horlanypdyram.

- Homka! Güljagaz! Näme boldy? Bu ýere nädip geldiňiz? Fuksik geň galyp sorady.

- Suw ... - Homka zordan sorady. Oňa derrew bir käse suw berdiler.

- ... we iýmit ... – suwy içeninden soň haýwanjyk seslendi. Bir gamýakjyk oňa alma , başga birisi bolsa oňa çörek berdiler. Bularyň hemmesi derrew Homkanyň agzynda ýitip gitdi.

- Peýnireeem.. – Homka ýene iňňildäp sorady.

- Näme bolandygyny aýtsana! - Çupoks onyň sözüni kesdi.

- Aý, bu gaty elhençlik! - Homka pyşyrdady, otlara ýykyldyda ,penjesi bilen ýüregini okalap başlady. Homkanyň uzak wagtlap pajygaly rol oýnajakdygyna göz ýetiren toty guş Gül, azajyk suw içenden soň, bolan zatlary özi aýtmaga başlady.

-Biz bütin gije gyrymsy agaçlardan geçip siziň obaňyzy gözledik ...

- Öýüňizden gitmegiň sebäbi nämedir? Ýaşuly Hlups sorady.

- Bu gaty ýürek ýaryjy ... - jikme-jikliklere girmedik Homka iňňildäp ýene peýnir sorady, Güljagaz bolsa hekaýasyny dowam etdi:

- Biz Sofiniň kakasyndan kiçijik it soraýandygyny tötänleýin eşitdik, bizar ediji gemriji homýakdan we toty guşdan , ýagny bizden dynmagyny isledi, mysal üçin satmak ýa-da birlerine bermegini aýtdy .Kakasy oňa beýle edilmez,bular jandar ahyry,oýunjak däl ,şonuň üçin dostlar öýde galmaly diýip düşündirjek boldy, ýöne gyzy razy bolmady we aglap başlady.

- Çydar ýaly däl ... – Kimdir biriniň getiren peýnirini çeýnäp Homka tassyklady.

- Şeýdip gije maslahatlaşanymyzdan soň, eýelerini biynjalyk etmäli diýip öýden gitmegi makul bildik. Balyklar akwariumda galdylar- olar biz bilen gidip bilmediler - Gül gynanç bilen sözüni jemledi. - Bizi öz obanyňyza alyp bilersiňizmi? Ol umytly sorady.

- Elbetde! Obada islän wagtyňyz ýaşap bilersiňiz! - Fuksik begenip jogap berdi, dostlar el tutuşyp haýwanlary Fuksigyň öýüne alyp gitdiler.

Homka boýnundaki kiçi golýazma bilen ýazylan: “Salam, meniň adym Homka! Bu haty okaýan bolsaň, men ýitirim boldum. Ynsanlar bilen gürlemegi bilmeýändigim we ýaşaýan ýeriniň salgysyny ýada salmaýandygym sebäpli, Erkinliler şäheriň , Agzybirlik Bulwaryň 7-nji jaýynda ýaşaýan hojaýynym Sofi bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýärin. Sizi hökman sylaglarlar we maňa mazaly gutapjyklar bererler! " diýip ýazylan deri ýüpine naýynjar seredip, uludan demini alyp , gyrymsy agaçlara zyňyp göýberdi.

- Hoş gal, köne durmuş. "Köprüler ýakyldy we yza ýol ýok ..." homýak gynançly yglan etdi.

- Erkinlik! Jumbo höwes bilen ony goldady.

Şol pursatdan başlap, Homka we Güljagaz Fuksigiň öýünde mesgen tutdular we oňa doganlary ýaly boldular. Şeýdip, öý haýwanjyklary tokaý ýaşaýjylaryna öwrüldiler.

## 10-njy bap. Fuksik we onuň dostlary meýdan işlerinde.

Birnäçe günden soň, Homkanyň horlamagyndan we Güljagazyň ukusynyň arasynda çykaran sykylygyndan oýanan Fuksik gözüni açdy we potologa seretdi.

"Bu gün gowy bir zat etmeli" -diýip, Fuksigyň kellesine bir pikir geldi. – We ol gowy zat gaty köp bolmaly - diýip pikirini dowam etdi. Bu gün örän ajaýyp boljakdygyna umyt baglaýardy.

Fuksik ýatan ýerinde näme etmelidigini oýlanşyp ýatyrdy.

- Krakerler, - Homka düýşünde gürledide bir ýandan beýleki tarapa aýlandy. Fuksigyň kellesine şol wagt ajaýyp bir pikir geldi. Ol geýinip, düşegini tertipläp we adaty bolşy ýaly maşklaryny etmäge çykdy. Ol häzirlikje Homkany we Güli türgünleşige çagyrmady , sebäbi Homka özüniň gaty ýadandygyny aýdypdy, Gül bolsa şeýlede gaty köp uçýanlygy sebäpli örän inçejikdi we ganatlary şeýlede güýçlidi.

Fuksik hemişekisi ýaly uçyp gelen joraplardan, aýakgabylardan we küýzeden goranyp , dostlaryny oýandyryp, maşk etmäge çykardy.Fuksik türgenleşige başlan badyna Jumbo bilen Çupoksa peýdaly bir iş etmegi isleýändigini aýtdy.

Fuksik: "Elbetde,men bu işde siziň kömegiňize ynanýaryn" -diýdi.

- Hä, - bu gün Çupoks kän bir sessizdi ,ýöne şondada baş atdy.

- A näme etmeli bolarys?-diýip Jumbo sorady.

- Tokaýyň gyrasynda, jülgäniň golaýynda kiçijik bir meýdan bar , ol ýerdäki birnäçe daýhanlar atlaryň we ýer agdarýanyň kömegi bilen ýer sürýärler. -Fuksik düşündirip başladı.- Daýhanlara kömek edeliň: öýlän nahara gidenlerinde ,biz olaryň ýerlerini doly agdaryp bereliň. Adamlar gelende görüp begenip bagtly bolarlar! - höwes bilen jümlesini jemledi.

- Homka bu niýetiňi hödürlediňmi? -diýip Çupoks sorady.

- Geçen gije ol gaty ýadanlygyny aýdypdy , ýöne sorap göreris ...

- Men artist , men daýhan däl! - Teklibi eşiden Homka ýorganyň aşagyndan ejiz ses bilen seslendi. "Bu eller sahna üçin doguldy" -diýip, ýorganyň aşagyndan bir kiçijik penjelerini çykardy.

- Tokaýda sahna ýok, diňe ýabany haýwanlaryň ýowuz ýaşaýşy bar. Diri galmak üçin kynçylyklara taýyn bolmaly,-Jumbo oňa garşy çykdy. – Şortigiňy geýip , biziň bilen ýör. Bu başdan geçirme saňa peýdaly bolar we penjeleriňi gatylaşdyrarsyň.

- Bu nähili kyn - diýip, Homka süýjije uzadyda. - Bolýar, daşky tebigata görä uýgunlaşma zamany geldi diýmek.

Homka eýýäm giňişlän şortigyny geýip, dostlaryna goşulşdy.

Günortan dostlar tokaýyň gyrasyna ýol tutdylar . Dostlary Fuksigiň ejesi Gazajy daýza olary ugradýardy.Gazajy daýza diýip oňa obada at berdiler,çünki ol çagalary bolan Fuksigy, Şetdalyny we Pusýany suwa düşürende arkalaryny gaty gazap ýuwýardy welin,bütin oba sesleri ýaýraýardy. Şetdaly we Pusýa tokaýda ýitirim bolan soň, diňe Fuksik ejesiniň gaty gazamasyndan ejir çekýärdi.

Tokaýyň gyrasyna ýeten dostlar kiçijik agajyň arkasynda gizlenip, daýhanlaryň işine syn edip başladylar – daýhanlar iki diler. Olar köp zähmet çekip, ýadadylar we günortanlyk dynç alyşa we nahar iýmäge karar edipdiler.

Daýhanlar aty çözmän ,öňüne bir bedre suw we ot goýdular, özleri bolsa ullakan çynar agajynyň kölegesinde oturdylar. Nahardan soň daýhanlar uklamagy ýüregine düwdüler we saman şlýapalaryny maňlaýlaryna süýşirip, gysga wagtlyk uka gitdiler.

Gamýakjyklar bilen Homka ýuwaşlyk bilen ot çeýnäp duran atyň ýanyna ýakynlaşdylar. Bu horja , goňur reňkli çal tegmelli garryja atdy. Dostlar atyň üstüne çykyp, Homkanyda çekip galdyryp , aty dolandyrmagyň mehanizmi hakynda oýlanyp başladylar. Garry at üstünde ýöreýan haýwanjyklary duýup , gulaklaryny aýlap ot iýmegini bes etdi.

- Fuksik, indi näme etmeli? -diýip Jumbo sorady.

-Hm ... bu ulagy men heniz ilkinji gezek görýärin,hiç ullanmadym ,şonuň üçin näme etmelidigimi bilmeýän,- diýip Fuksik jogap berdi.

- Belki, ata buýruk bermelidir? - Çupoks özüne gaty bir ynanman teklip etdi.

- Dogry! Ata gitmeli, sürmeli ýa-da durmaly diýip bir zat edip buýruk berýändirlerä! -Jumbo sözüniň üstüni ýetirdi.

"Belki gulagyna buýruk bermelidir " -diýip, Fuksik kellesiniň arkasyny gaşady. – Ýöne bu atyň iki gulagy bar, - diýip, Fuksik sözüni dowam edip,-diýmek iki tarapdan buýruk berilmeli: biri çep gulaga , ikinjisi sag gulaga.

- Şeýlelik bilen, çep gulagyna buýursaň at çepe, saga buýursaň - saga öwrüler - Jumbo pikirini jemläp , atyň boýnundan kellesine çykdy we çep gulagynyň ýanynda oturdy.

- Meniň pikirimçe, bularyň hemmesi düzedip bolmajak betbagtçylyk bilen gutaryp biler öýdýän - diýip, Homka aýtdy. - Esasanam biziň üçin.

- Gorkma, häzir tokaý ýaşaýjylarynyň kynçylyklary nädip ýeňip geçirýändiklerini görersiň! - diýip Çupoks ony köşeşdirdi.

At hüşgürip,atyljak bolýän bugly işleýän maşyna meňzäp çalajadan titremäge başlady, doly surat üçin burnundan bug çykmagy ýetmän durdy.

- Hawwa,indi gaty oňat boldy! Men sag gulagyň operatory bolaryn, sen, Jumbo, çep gulagynyň operatory, sen, Çupoks, hereket ediji operatory bolarsyňyz! - Fuksik bu sözüni aýdyp , atyň sag gulagynyň ýanynda oturdy.

- Bu aty soň nädip tohtatmaly, nirede we nädip saklamaly? - aljyrap , Çupoks gygyryp sorady.

Ýöne ony eýýam hiç kim eşitmedi, sebäbi Fuksik we Jumbo "bir-iki-üç" hasabyna bir wagtyň özünde "Ýöre !!!" diýip gygyrdylar. Dürli garaşylmadyk zatlara taýyn bolan görgüli at , iki gulagynyň ýanynda ýaňlanan beýle seslere garaşmandy. Geň galyşyna,garry at birden çaltlyk bilen öň topuklaryny ýokaryk galdyryp, hüşgürüp öňe tarap ylgady. Atyň arkasyna berkidilen ýer sürýän gural, topraga çümüp, takmynan on metre sürüp, suwdan çykýan delfina meňzäp ýerden böküp çykdy. Gorkudan ýaňa dälirän at jülgäniň egninden aşak ylgap gitdi, gamýakjyklar bolsa ýeriň şeýle çalt sürülmegine haýran galyp aňk-taňk boldular. Atyň üstünde at çapar ýaly böküp barýan dostlar , tiz wagtdan aňyna gelip, atyň saklanmagyny sorap başladylar.

- At, dur !!! Fuksik atyň sag gulagyna gygyrdy.

- Kime diýilýär,dur hany! Haý! Haý !!! Dur,how!- halys gorkan Jumbo çep gulagyna gygyrdy.

- Doganlar! Atyň güýjüni saklaň ! - Çupoks bu elhençlikden ýaňa tegelenen gözleri bilen gygyryp - çygyryp başlady. Homka bolsa sesini çykarman , atyň saçyndan penjeleri bilen gaýym ýapyşyp,bar daşky görnüşi bilen tokaý ýaşaýjylarynyň kynçylyklary ýeňip geçmek ukybynyň ýoklygyna şübhe bildirýärdi.

At jülgäniň egninden ylgamagyny dowam edýärdi, hat-da tizligini hasam arttyrdy. Arkasyndaky ýer sürüji guraly bolsa , peýdasyz demir bölegi ýaly boşuna sallanyp, janly jandar ýaly öňünden çykýan otlary,

ýaşajyk  agaçlary kesip , egrem-bugram yz goýup gelýärdi.  Birden öňünden çykan güýçli agaja ilteşip,bu gural  döwüldi we şahalaryň birine asylyp galdy. Ylgap barýan  at hasam batly özüni  çekişine,üstündäki haýwanjyklar  agaçdaky  miweler  ýaly ýykylyp ýere düşdiler.  Onlarça  metr ylgandan soň, at ahyry sandyrap-titiräp, uludan dem alyp saklandy.    Otlaryň arasyna düşen dostlar, jülgäniň kenaryndan  ylgap gelýän daýhanlary  görüp ,  ýakyn gyrymsy agaçlarda gizlenmäge howlukdylar.  Daýhanlar atyň ýanyna ylgap geldiler, onuň hemme ýerini  barladylar we yzyna alyp gitdiler,olar  aty ary   çokanlygy sebäpli,agyrysyna çydaman ýerinden gopandyr  öýtdüler. Emma daýhanlar bäş ädim edip-etmänkäler,ýer  sürginiň galdyran  çukurynda, gara, ýagly topraklaryň arasynda sary  ýalpyldawuk bir zady gördüler.  Daýhanlar egilip görseler,   altyn-kümüş teňňelerden doly döwülen toýun küýzäni görüp haýran galdylar.  Olaryň  şatlanmagynyň çeni-çägi ýokdy!  Şatlykdan ýaňa böküp,  gujaklaşyp, şlýapalaryny ýokaryk zyňyp, atyň derli   ýüzünden,gorkudan doly gözlerinden  ogşap başladylar.  At bolsa başyny ýaýkap,daýhanlaryň ony rugsatsyz meýdany terk edenine käýinmän ,tersine ogşap gujaklaýanyna haýran galýardy.

Fuksik, Jumbo, Çupoks we Homka ýene birnäçe minut gaçybatalgada ýatyp, daýhanlaryň begenýändigine tomaşa edip,  agyrydan ýaňa möňňürip, gögeren we çişen ýerlerini okalap , obalaryna tarap gaýtdylar.  Şol bir wagtyň özünde, Fuksik dostlaryna  Çupoksyň atyň tizliligini ýalňyş düzenligini subut etmäge çalyşýardy,onuň bu sözleri  ýoldaşlarynyň  gaharyna   sebäp boldy we olar  Fuksigy  hat-da urmaga taýyn boldular, ýöne tiz ýaraşdylar we  birnäçe  minutdan  birek-birege  gülüşip, özlerini "üstünlük çapyksuwarlary" diýip atlandyrdylar, sebäbi ahyrynda ýer sürmek işleri üstünlikli tamamlandy. Ýöne Fuksigy gaýgylandyran bir zat bardy,  daýhanlaryň hazyna tapmagynyň  kimiň sebäp bolandygyny hiç haçan bilmejekdiklerine gynanýardy.

## 11-nji bap. Homka we Güljagazyň öýüne gaýdyp baryşlary hakynda.

Homka bilen Güliň  obada mesgen tutanyna birnäçe hepde geçipdi we gamýakjyklar  täze ýaşaýjylardan örän  hoşaldylar.  Homkanyň hemmeleri  güldürmek  tebigy ukyby bardy, ol  yzygiderli  sahna çykyşlary edýärdi we ajaýyp hileleri we fokuslary  bilýärdi , Güljagaz bolsa   ganatlaryny açyp howada obanyň üstünden parlap, şäherçäniň töwereginde bolup geçýän wakalary oba yaşulylaryna  habar berýärdi. Emma bu ajaýyp haýat  uzak dowam etmedi.  Bir gün irden gamýakjyklaryň  biri  ýöräp barýaka  tokaýyň içinden geçip barýan bir gyzjagazy  gördi, ol aglaýardy we ýiten dostlarynyň adyny tutup  - Homkany  we Güljagazy  çagyrýardy. Onuň ýanynda  kakasy we ejesi  bardy, olar hem Homka bilen  toty guşy gözleýärdiler.

- Wahey,way - Homka gynanyp , otuň üstünde oturdy we ýüreginiň töweregini owkalap  başlady.  - Köne ruhy ýaralar açyldy.  Gül , dostum, näme edeli indi?

Güljagaz egnini galdyryp, ganatlaryny  silkdi.

Obanyň yaşaýjylary maslahatlaşmaga toplanta ýygnanyşdylar.  Hlups söze başlady.  Ol hasasyna daýanyp , uzak wagtlap pikirlenip durdy ,onuň  aýaklary bolsa  meýdançada bolan magnit  tansyny islegsiz  ýerine ýetirýärdi.   Hlups soň wagtlar edýän  maşklary we  türgenleşmegi ony   gowy keşbe getirdi, hatda ol tomsuň ortalarynda tans festiwalyny  geçirmegi meýilleşdirýärdi.

Hlups pikirlenip: "Güljagaz we Homka biziň üçin ýakyn we eziz bolduňyz , siz indi taýpanyň deň agzasy diýip bilerin,ýöne  galmak ýa-da adamlaryň ýanyna dolanyp gaýtmak  siziň  özünize  bagly" -diýdi.  - Şahsy tarapdan, eger gitseňiz  gaty göresim geler!  - diýip, Hlups sözüne söz goşdy  we onuň gözlerinden ýaş döküldi.  Homka bu sözleri diňlän soň,ozi hem gözýaşlandy.  Gamýakjyklaryň  tutuş taýpasy bolsa :- "Goý, galsynlar!"   we "Biziň öýümiz-siziň öýüňiz!"diýip gygyrşdylar.

Homka, penjesinde birden peýda bolan gök elýaglygyny silkip , hemmelerden ony diňlemegini haýyşt etdi.

- Sag boluň, sag boluň ,dostlar! Gül bilen ikimize bir karara gelmegimiz gerek, şonuň üçin daň atýança maslahatlaşmalydyrys .

Ertesi daň bilen , uzak wagtlap dowam eden ara alyp maslahatlaşmadan soň, Güljagaz we Homka öýüne gaýdyp barmagy kararyna geldiler. Oba taýpasynyň her agzasy bilen gujaklaşyp , uzak wagtlap durup hoşlaşdylar.

- Homka, indi sen biziň gözlegçimizsiň , adamlar bilen ara birleşdiriji baglantymyz bolarsyň - Hlups çişijek dostuny gujaklap umyt bildirdip sözledi.

- Men taryhda görülip-eşidilmedik iň oňat ara baglantyjy bolaryn! - diýip, Homka ynandyrdy. - Her niçigem bolsa, iň akylly we görnükli bolaryn.

- Güljagaz, Homka gowy seret, ol hakda alada et, - Hlups toty guşa öwüt berdi. Gül razylyk bildirip başyny atdy.

Gamýakjyklar bütin taýpa bolup, olary tokaýyň gyrasyna çenli ugratdylar. Adamlar eýýan gidipdirler, ýöne adamlaryň aýak yzlary gaty köpdi. Adamlaryň gaýdyp gelmegine garaşyp, tokaý haýwanjyklary gijäni tokaýyň gyrasynda kiçijik ot ýakyp, bilelikdäki başdan geçirmelerini ýatlap uzak wagt oturdylar. Ertesi gün ir bilen adamlar gaýdyp gelip, Güljagazyň we Homkanyň adyny tutup , gaty sesleri bilen çagyryp başladylar.

- Hoşlaşmaýandygymyza ynanýaryn! - diýip, homýakjyk Homka dostlaryny gujaklady. Soňra bolsa Güljagaz hemmäni gujaklady.

- Indi sen hakyky tokaý haýwanjygysyň , muny ýatdan çykarma we tokaýdan hiç gorkma! - Jumbo homýakjyga öwüt berdi.

- Akwariumdäki balyklara salam aýt! - diýip Fuksik yzyndan gygyrdy.

Homýakjyk Homka hoşlaşyp, penjesini ýokaryk galdyrdy, Gül bolsa ganatlaryny silkişdirdi. Birnäçe salymdan soň adamlar olary gördüler, gyzjagaz şatlykly begenip, söýgüli haýwanjyklarynyň ýanyna ylgap, ellerine alyp, ötünç sorap , gujaklap başlady. Gamýakjyklar duşuşygyň sahnasyna birnäçe minut tomaşa edip, soň bolsa bagtly we şowhunly halda , tokaýyň içine gitdiler.

## 12-nji bap: Kumbreklar bilen täze çaknyşyk.

Gamýakjyklar taýpasynda öňüräk kumbreklar bilen bolan çaknyşygy hemmeler kem-kemden ýatdan çykaryp başlapdylar. Gamýakjyklar ýamanlygy ýatda saklaýan ýa-da agressiw däldiler, şonuň üçin tokaýyň galan ýaşaýjylary bilen rahat we agzybir ýaşaýardylar. Eger-de sazlap bolmajak gapma-garşylyklar bar bolsa, tutuş taýpa birleşip, beýik bir güýji emele getirýärdiler. Gamýakjyklar uly, çalt ýa-da çalasyn bolmasalarda, tertip-düzgüniň we topar ruhunyň utgaşdyrylmagy netijesinde hemme söweşlerde ýeňiş gazanýardylar. Olar söweş ulagyna meňzäp,birlikde duşmanyň üstüne hüjüm edip,olaryň gaçmagyna sebäp bolýardylar. Birnäçe tepkilerden soň , hatda iň uly we iň howply haýwanlar gamýakjyklar bilen söweşe girmeklerini terk etmegi makul bilýärdiler. Indi bolsa tokaýda başga bir taýpa peýda boldy, olaryň agzybirligi we söweşmek ukyby gamýakjyklardan pes däl-di, hatda olardanam ýokarydy.

Wostrik atly gamýakjyk obasyna gögermeleri bilen göz ýaş döküp ylgap gelende, kumbreklar ýene-de öz barlyklaryny ýatlatdylar. Wostrik hemişe urşagandy, esasanam özüne buýsanýardy we ähli gamýaklary

akyllylara we samsyklara bölýärdi. Elbetde, Wostrik özüni gaty ýiti akylly hasaplaýardy. Bir gezek ol welosiped ýasapdy , özüni bolsa "tigirli ýyldyrym" diýip atlandyrypdy, ýöne agaj bilen çaknyşan soň, taýpa oňa "welosamsyk " diýip başlady.

Indi bolsa Wostrik aglap, ýaňaklaryny gözýaşdan süpürip, kumbreklaryň oňa topulyp ,ýygnan hazynalaryny elinden alyp, ýeňsesinden şarpyk çalyp, üstünden gülüp kowanlary barada gürrüň berýärdi.

Bu taýpa, Wostrikiň gymmatly bir zat getirip biljekdigine gaty şübhelenýärdi we Wostrigyň diňe bir kumbreklar bilen däl, eýsem umuman kimdir biri bilen düzgün gepleşik gurup biljekdigine ynanmaýardy. Ýöne başka bir taýpanyň beýle hereketine göz ýumup bilmediler…Bu jenaýatçylary nädip tapmaly diýen sorag ýüze çykdy?

Fuksik, Jumbo we Çupoks gulluk gözegçileri bolmagy teklip etdiler. Aglaýan Wostrik dostlary kumbreklardan düýbünden birkemsiz we delilsiz taýak iýen tokay meýdançasyna alyp gitdi. Kumbreklar bilen çaknyşygyň bolan ýerine azajyk ýetmän , Wostrik penjesi bilen beýik gyrymsy agaçlara görkezip, çuňňur ruhy ýarasynyň bardygyny we bu ýerde bolmagy ahlak taýdan kyndygyny öňe sürüp, ýyldyrym tizliginde obasyna ylgap gitdi. Öýüne ylgaýan Wostrikiň penjelerinden ýokary göterilen tozan buludy azalansoň, gamýakjyklar tozandan ýaňa asgyryp, gözlerini süpüren badyna söweş zolagynda gözleg geçirip başladylar.

- Biziňkä meňzeş köp aýak yzlary bar! - Çupoks, ezilen otlardaky yzlary görkezip, penjesi bilen deňeşdirdi.

- Bu yzlaryň zynjyry obamyza, galanlary gyrymsylyga eltýär - diýip, Çupoks sözüniň üstüni ýetirdi.

Fuksik oýlanyp : "Biz bu taraplara hiç geçmändik we beýle uzaklara gezelenç etmändik" -diýdi.

Batyr gamýaklar, şahalary üstüne ýapyşdyryp, ýapraklar bilen serpinip, göze görünmeýän hala gelip aýak yzlary yzarlap ýola düşdüler. Käwagt penjeleriň yzlary ýitýärdi, ýöne dostlar ýene döwülen şahalaryň kömegi bilen we howada zordan duýulýan keseki ysy tapyp ýollaryny dowam edýärdiler. Ahyrsoňy, dykyz gyrymsy agaçlardan we doly akymly suwly derýäden geçip, dostlar jülgä düşüp başladylar. Golaýdaky depä çykyp, seresaplylyk bilen ýokaryk süýşip, aşakda bir obanyň ýerleşendigini gördüler. Ol oba depeler we gür gür tokaý bilen gurşalan amatly ýerde ýerleşipdi. Bu oba, jaýlaryň ýerleşişi we binalaryň umumy görnüşleri boýunça gamýaklaryň obasyna gaty meňzeýärdi.

- Olar örän köp! - Çupoks begenç bilen sygyrdy. Jülge hakykatdanam gamýaklara meňzeýän haýwanjyklardan doludy.

Başdangeçirme ruhy söweşe höwesli Jumbo: "Men bu obany teleskop arkaly şardan gördüm we ol oba girilýän ýollarynyň hemmesini bilýärin" -diýdi.

- Belki olaryň ýanyna baryp gürleşmäge synanşarys? - diyip Fuksik teklip etdi.

-Ýok, bu gyzykly däl! Jumbo garşy çykdy.

- Hiç kim gymyldamasyn, gürleýän agaçlar ! - Birden olaryň arkasyndan bir ses geldi. - Şahalary ýokaryk göteriň we gymyldaman duruň!

Tussaga alynan gamýakjyklary obasyndaky ýygnanyşyklaryna iki suw damjasyna meňzeýän merkezi meýdança getirdiler . Ol ýerde gamýakjyklara yzyna öwrülmäge we hereket etmäge rugsat berildi.

- Aý, bular köne gyz dostlar! - diýip, Jumbo şahalaryny aýyrmaga başlady. Olary ýesirlige alan ýoldaşlar Kwasulýa, Mabasýa we Kukwimba ekeni.

Kwaşulýa gamýaklara şübheli göz aýlap, derrew bir ýere ylgap, ýöne tiz wagtdan ýaşuly, mylaýym kumbrek bilen gaýdyp geldi. Ol yaşulynyň kellesinde asylly çal saçlar we Hlupsyň täjini ýada salýan täçi bardy.

- Salam gelmişekler! - diýip, kumbrek gaty ses bilen aýtdy. - Men Hrýams - bu taýpanyň baştutany!

Jumbo: "Onuň ýagdaýy Hlupsdan has gowy -diýip Jumbo pikirlendi.

- Salam, baştutan! - gamýakjyklar salamlaşdylar.

- Siziň gowy adyňyz bar - diýip, Çupoks baştutany öwdi.

- Sag bol, - diýip, Hryams baş atdy. - Gyzym Kwasulýa, öň tanyşdygyňyzy aýtdy we bu tanyşlyk kän bir üstünlikli tamamlanmandyr.

- Hawwa, munuň bilen jedel edip bilmeýäriz , - Fuksik baş atdy.

- Näme üçin bizi yzarlaýarsyňyz? - diýip baştutan sorady.

Fuksik: "Şu gün irden taýpadaşymyza hüjüm edip, gymmat bahaly zatlaryny aldyňyz" -diýdi.

"Bu dogry däl" diýip märekeden ses geldi, "ol ilki özi başlady!

- Hawwa, ol haýsydyr bir gerekmejek zat göterip barýardy, soň iki sany kumbreklaryň elinde ýüzük we ýalpyldawuk teňňäni şäherçä süýräp barýanyny görüp ony alyp gaçmakçy boldy. Şonuň üçin bu hazynalar biziň bilen galar. Siz obaňyza gaýdyp bilersiňiz, ýöne eger söweşmek kararyna gelseňiz, biz taýyndyrys !

Kumbreklar gamýakjyklary göýberdiler we gün ýaşmaňka olar öz obalaryna ýetip geldiler. Fakeliň we şemiň yşygynda gamýakjyklar taýpasy, bolup geçen zatlary ara alyp maslahatlaşmaga we indiki ediljek ädimlerini çözmek üçin ýygnanyşdylar.

Pikirler hemişe bolşy ýaly ikä bölündi. Kimdir biri ar almagyň zerurdygyny , kumbreklara sapak bermegiň wagty gelendigini , kimdir biri goňşy taýpa bilen gepleşik geçirmegi , kimdir biri asla hiç zat islemedi we gelmişeklere üns bermän, öňküsi ýaly ýaşamagy teklip etdiler. Şol gün agşam iň şowhunly kompaniýa söweşiň tarapdarlary bolup çykdy - köpüsi kumbreklaryň eden hereketlerine gaharlanýardy, beýlekileri bolsa başdan geçirmeleri isleýärdi. Köpçüligiň basyşy astynda, kumbreklar bilen parahatçylyk gepleşiklerini goldaýan Hlups boýun egmäge mejbur boldy.

- Diýmek siz söweşmek isleýärsiňiz? - märekäniň sesini başjak bolup Hlüps gaty sesi bilen gygyrdy. "Bolýar, ýöne ýeňmek isleseňiz, aýdyşym ýaly edersiňiz!" Hiç hili şikes, gögerme ýa-da dyrmaşma bolmaly däldir! Diňe kumbreklary gorkuzmalydyrys!

## 13-nji bap. Karbonly raketa hüjümi we şöhlatly hova güýçleri

Gamýakjyklaryň söweş enjamlary gyzyl şortiklerden, gyzyl penjekden, gamyşdan we tokaý miwelerinden ybaratdy. Miweler gamyşyň içine dykylýardy, gamýakjyklar ýaňaklaryny howa bilen dolduryp , bar güýji bilen garşysyndaky duşmana üfleýärdiler. Miweleri gamyşyň içine has çuňňur salyp we duşmanyň öňünde durup, mümkin boldugyça howany çekmek üçin ägirt uly çydamlylyk gerekdi, şonuň üçin gamýakjyklar yzygiderli bu ussatlygy öwredýärdiler. Tire-taýpadaşlary şu işi edýän gamýakjyklara «miwe atýançylar» diyip atlandyrýardylar.

Mundan başga-da, gamýakjyklaryň ok-ýaýlary bardy,olar ýaýa sosna konuslaryny ýükläp, bu konuslary duşmana atýardylar. Şeýle ýaýyň lastikly zolagyny dartgynly çekmek üçin iki ýa-da üç gamýakjyklaryň güýji gerekdi. Bu işi edýän gamýakjyklara «konus atýançylar» diýilýärdiler.

Şeýlelik bilen, gamýakjyklar goşuny tuýdik çalyp we deprek kakyp söweşe çykdylar. Jülgä ýeten soň gamýaklaryň goşuny bölündi we jülgäniň sag tarapyndan aýlanyp ýoluny dowam etdiler.

- Biz ýeňeris! - gamýakjyklar gygyryp söweş aýdymlaryny aýtýardylar.

Taýpanyň esasy goşun güýçleri bolsa, Hlupsyň ýolbaşçylygynda hereketlerini öňe tarap edýärdiler. Käbir gamýaklary Hlups baýyryň depesine goýdy we olar gaty ses edip kumbreklary söweşe çagyryp başladylar. Gamýakjyklar köp wagt kumbreklara garaşmaly bolmadylar, gök şortik we penjek geýen Hrýamsyň goşuny gamyşly ýaýlary we oklary bilen obadan çykyp ,hüjüme başladylar. Kumbreklar gamyşdan miwe zyňylýan aralygy ýakynlaşdyryp ,tiz depä çykdylar we gamýaklaryň kiçijik bölümli goşunlaryny ýeňmäge başladylar. Emma şol bada Hlups esasy goşun güýçlerini öňe çykardy we şonda çynlakaý miweli we şyşkaly atyşmaly söweş başlady. Iki goşun hem biri-birine tymşyklaryny aýlaýardylar, dillerini çykarýardylar, gygyrypşyp-bagyrşýardylar.

Garry Hlups, ýaş bolmasa-da, ajaýyp serkerde bolup galdy, muny taýpanyň ähli agzalary ykrar edip bilerdi. Köp çaknyşyklary başdan geçiren Hlups tejribeli, öňdengörüjilikli we sowuk ganlydy.

«Şeýle»,- Fuksigyň, Jumbonyň we Çupoksyň aýtmaklaryna görä, öň görlen kumbreklaryň obasynyň we oňa ýanaşyk ýerleriň kartasyny ýere ağaç şahasy bilen çekip başlady.

" Biz obany hüjüm etmeris, sebäbi ol gowy goralýar we olara goranmak aňsat bolar. Biz öz goşunyň az bölegini obanyň garşysyndaky baýyrda ýerleşdirip, kumbreklaryň goşunynyň obasyndan çykmasyny mejbur ederis. Az mukdarly goşun bilen aldanan kumbreklar depä çykyp başlanda, güýçlerimiziň dörtden üç bölegi bilen söweşer we şeýdip olaryň ähli ünsüni sowarys . Şol bir wagtyň özünde başga goşun topary, söweşden biraz uzagyrak ýerde, baýyrdan düşer we gapdaldan duşmana hüjüm eder.

- Gözegçilik gullugyny alyp barmaga kim taýyn? - patyşa hemmeleriň töweregine göz aýlady.

Şol wagt Fuksik töwereginde uçýan arylardan goranyp,ellerini howada hereketlendirýärdi.Baştutan Hlups Fuksigiň el hereketlerini gahryman gözlegçisi bolmaga razy diýip düşünipdi.

- Fuksik, - diýip, patyşa dabaraly ýagdaýda yglan etdi - Men seni raketanyň baştutany edip belleýärin we ýokary tizlikli howa gözlegini geçirmäge mümkinçilik berýärin! Bizi saňa umyt baglaýarys!

- Baş üstüne, patyşam! Gözleg işlerini nädip amala aşyrmaly? - Fuksik ary sebäpli hökümdaryň çykyşyndan hiç zada düşünmän sorady.

Patyşa Hlups uludan demini aldy we pikirlenip şeýle diýdi:

- Ata-babalarymyzyň rowaýaty ýadyma düşýär, olar şeyle diýipdiler: eger,bir çüýşe gazlandyrylan suwy alyp, oňa narpyzly süýji salsaň, iki sekundyň içinde çüýşeden güýçli gazlandyrylan soda çykar. Raketanyň uçarmanyny çüýşä baglasak, bu gazlandyrylan akym güýji süýşäni we raketa uçarmany howa göterip biler.

- Meni çüýşä baglapjaksyňyzmy ?! - Fuksigyň ýüzi ak reňk bolup, patyşanyň öňünde dyza çökdi. - Gorkýaryn, çüýşe ýarylsa näme edeýin ?!

- Hemme zat gowy bolar! Patyşa ony ruhlandyryp goldady. – Sen gahryman bolarsyň!

Jumbonuň, Çupoksyň we beýleki gamýakjyklaryň gülkisi astynda,Fuksik ýüzüni sallap söweş enjamlaryny ýygnamaga gitdi.

Bäş minutdan soň hemme zat taýýar boldy: ullakan gazly suwly çüýşe baýyryň üstünde goýuldy, Fuksik çüýşä daňyldy we çüýşäniň içine narpyzly süýjini zyňmaga taýyndylar.

- Serediň , kumbreklar howa şaryny asmana galdyrdylar! - gamýakjyklaryň biri asmana yşarat edip gygyrdy.

Tutuş taýpa asmana gözlerini galdyryp, seredip durdy: sebetiň içinde bir kumbrek asmana ýuwaş-ýuwaşdan galyp barýardy. Bu sepet , şöhlat derisine daňylandy. Sepet uzyn şöhlat taýagyndan alnandygy we howa bilen çişirilenligi sebäpli, asmanda uçup barýan adaty şöhlata meňzeýärdi.

- Ha ha ha! - gamýakjyklar gülüp başladylar. - Serediň: HŞG, kumbreklarda Howa-Şöhlat güýçleri peýda boldy! Indi kumbreklar bizi hökman şöhlat şarlary bilen ýeňerler!

Şöhlat topuny görmek şeýle bir gülkünç we ajaýypdy welin, uçup barýan bir garga oňa seredip barşyna,sosna agajy bilen şeýle batly çaknyşdy velin,agaçdan iňňeler we şyşkalar döküldi.

Çişirilen sepetiň içinden birden Kwasulýanyň ýuzi göründi. Ol aşak seredip gamýaklaryň goşunynyň ýerleşen ýerlerini ,iki sany gyzyl baýdak bilen yşaratlap , kumbreklara habar berip başlady.

- Ol gözlegçi we habar berýänçi !!! - gamýaçkiniň biri gygyrdy. – Bu namartlyk we mekirlik! Ol ýokardan biziň goşunlarymyza seredýär !!!

- Derrew Fuksigy daňyp,raketany asmana uçuryp, gözlegçimizi işe goýberiň !!! - jogap hökmünde başga bir gamýakjyk gygyrdy.

Fuksigyň ýüzi hasam ak tam boldy, ýöne ol batyrgaý saklanyp,gorkanyny bildirmedi. Gamýakjyklar çüýşäniň içine narpyzly süýjini atyp, çüýşäniň agzyny gaýym ýapdylar.

- Çüýşaniň gapagyny haçan açmaly? - diýip olar Hlupsdan soradylar.

Hlups aýnaly sagadyny patyşa lybasyndan çykaryp, dodaklaryny herekete getirip, sagada oýlanyp seretdi.

- Üç diýenimde açyň! - Hlups buýruk berdi. - Bir! .. Iki! ..

Tutuş taýpa dymdy, Fuksik gorkudan ýaňa ýuwaşlyk bilen iňildi ses çykaryp we birden sorag berdi:

- Duruň, asmandan nädip ýere dolanaryn? Bu hakda pikir etdiňiiii…

- Üç !!! - Hlups gygyryp , penjesi bilen silkdi.

Gamýakjyklar gapagy açdylar, çüýşe Fuksigyň ýüregi üzüji sesi bilen garyşyp, bar bady bilen sygyryp, ýakynda duran gamýakjyklaryň üstüne süýji köpügini syçradyp ,gazly raketany ýokaryk asmana göterdi .

- Dogrudanam, Fuksik asmandan ýere nädip iner? Jumbo sorady. Emma hiç kim ony eşitmedi.

Şol aralykda, Fuksigyň gazlandyrylan raketasy egrem-bugram şekil ýasap- göni Kvasulýanyň uçup barýan sepetine tarap hereket edip başlady.

Kumbreklar Fuksigyň gazly raketasyny görüp, tolgunyp , gygyryp başladylar, penjelerini silkişdirip yşarat edip Kwasulýanyň ünsüni özüne çekjek boldular. Emma Kwasulýa gözegçilik maglumatlarynyň berilmegi bilen gaty başagaýdy welin, uçup gelýän howpy, Fuksik bilen raketany diňe ýakynlaşanda gördi.

Kwasulýa baýdaklaryny taşlady, elleri bilen ýüzüni ýapdy, gazlandyrylan raketa şöhlatly çişirilen şar bilen çaknyşdy, Fuksikiň gazlandyrylan çüýşe bilen baglanan guşaklary ýyrtyldy we ol uçup gelen badyna Kwasulýanyň aýaklaryna ýykylyp düşdi. Çagyrylmadyk myhmany onuň sebedine näme getirendigini gülümsiräp sorajak wagty, zarbadan deşik alan çişirilen şöhlat topy howa akymyny çykaryp başlady,

sebet bir gapdala gaty egildi,Kwasulýa deňligini saklap bilmän tas ýykylypdy, ýöne wagtynda elleri bilen sebediň gyrasyndan tutup ýetişdi.

- WAý-aý-aý, ejemjan, meni halas ediň! - Kwasulýa ýürekýargynç gygyryp başlady.

Gamýakjyklar we kumbreklar taýpalary elhençlikde doňup galdylar we dem alman, Kvasulýanyň howada ,zarba geçiren sebediň içine girmegine synynşýanlygyny aňk-taňk bolup seredip durdylar.

Kwasulýanyň gykylygy Fuksigi çaltlyk bilen özüne getirdi, ýogsam şeýle zarbadan soň uzak wagtlap huşuna gelmezdi. Sebetiň gyrasyna derrew ylgap gelip Fuksik egildi, ýöne aşakda ýeri görüp, gorkudan ýaňa döşüni tutup,yza çekildi. Şeýle-de bolsa, Kwasulýa umytsyz gygyrmagyny dowam etdirdi we Fuksik ahyrsoňy gorkusyny ýeňdi. Aşak egilip, Kwasulýa tarap uzanyp, kynlyk bilen bolsa-da , ony sebetiň içine çekip aldy.

Gamýakjyklar we kumbreklar Kwasulýanyň halas bolandygyny görüp begendiler we el çarpyşdylar. Ol taýpadaşlaryna begenç tolgunmasyna sebäp bolan hereketini etdi,ýagny eljagazyny silkdi. Fuksik bolsa sebediň düýbünde oturdy we başdan geçiren gorkusyndan ýaňa titreýärdi.

- Nähili batyrgaý hereket ! Gahryman! - gamýakjyklar Fuksigyň hereketini ara alyp maslahatlaşyp, makullap,başyny atyp,begendiler.

Şol bir wagtyň özünde şöhlat gabygy howa ýitirmegini dowam edýärdi, top aşak düşýärdi we birnäçe minutdan sebet ýere degdi.

Kwasulya böküp sebetden çykdy, haýran galan tomaşaçylara baş egdi, Fuksik gorkudan ýaňa titräp, içerde oturmagyny dowam etdi. Ýöne taýpadaşlary buny Fuksigiň adatdan daşary sypaýy we utanjaň diýip düşünýärdiler.

- Ine, hakyky batyr! Ine, gahryman Fuksik! - gamýakjyklar öz arasynda pyşyrdadylar we gözlerini gyrpyşdylar.

## 14-nji bap. Aşyrylmadyk söweş

Batyr gahryman Fuksik tarapyndan Kwasulýanyň halas edilmegine tomaşa eden gamýakjyklaryň we kumbreklaryň taýpasy, söweşjeňligini ýitirdiler we söweşmegi dowam etmek islemediler, ýöne söweşi dowam etdirmeli boldular – çünki kumbreklaryň obasyndan birnäçe şar uçup,asmana galyp bomba atyjylar tarapyndan hüjüm edilip başlandy. Bomba atyjylar duşmana ýörite süýji şerap dökmegi we şyşka zyňmagy öwredilen kumbreklardy. Şarlaryň görnüşi gamýakjyklary ilkinji gezeginden hasam haýran galdyrdy: çünki olaryň hemmesi dürli şekilli we dürli ululykda şöhlat gabyklaryndan ybaratdy.

Gamýakjyklar şeýle gülkünç harby enjamlary görüp agzyny açyp , ilkinji sekundynda gülküden ýaňa garynlaryny tutup başladylar. Şeýle-de bolsa, bir salymdan gülmegini bes etdiler – çünki kellelerine bedreläp süýji sirop guýuldy we sosna şişkalary we iňňeleri döküldi.

- Ah,şeýlemi !!! Diýmek söweş isleýäňizmi ?! - diýişip, gamýakjyklaryň erbet gaharlary geldi ,olar şol bada süýji sodaly çüýşelerini atyşa taýynlamaga ylgadylar. Bir minutdan soň onlarça çüýşe asmana göterildi we süýji köpügini her ýere syçradyp çykdy. Asmandaky şöhlat şarlaryndan aýlanyp geçip ,bu gazly çüýşelerdäki süýji suw,hem gamýakjyklary,hem-de kumbreklary oňatja suwa düşürdi. Süýji çyglylygyň köpliginden sebäpli,asmanda iki sany ajaýyp owadan älemgoşar emele geldi,buňa iki taýpa haýran galyp seredip galdylar.

Çişirilen şöhlat toplaryň birinde oturan Mabasýa bilen Kukwimba hem älemgoşara seredip, ýalňyşlyk bilen süýji toşaby we şyşkalary öz taýpadaşlaryň,ýagny, kumbreklaryň üstüne döküp göýberdiler :

- Seret, nirä guýýarsyňyz?  - diýip kumbreklar gygyrdylar.

- Gözüň görmeýärmi !  - käbirleri ýumruklaryny görkezip  gygyrýardylar.

-  Aşak bir  düşüň siz,  gulak-şappat iýersiňiz ! -taýpanyň üçünji bölegi gaharlanýardy.

Mabasýa we Kukwimba aşakdäki gykylyklary eşitmediler we ýeňijileri begendirmek üçin niýetlenen ýylpyldy kagyzlary we ýyldyzjyklary  zyňdylar.  Zyňylan kagyzlar we ýyldyzjyklar asla ýerlikli bolmady,çünki biraz öňüräk kumbreklaryň we gamýakjyklaryň üstüne dökülen toşap , gazly köpük,şyşkalar we sosna igneleri şeýle-de   aşyry köpdi we hemmesiniň geýimleri şeppikdi.

- Bu söweşe däl-de,sahnadäki  tomaşa meňzeýär ... – depeden binokla seredip duran kumbreklaryň baştutany Hrýams nägilelik bildirdi.-Klounlar bilen masgarawazlaryň  çaknyşygyna meňzeýän şou diýsem ýalňýşmaryn...

- Bu söweş däl, bu sirkdäki artistleriň oýunydyr ... - Patyşa Hlups göwnüçökgünlik bilen aýtdy.  - Olar söweşde däl-de, sirkde çykyş etmeli.  Söweşijiler diýsäni ...

Ahyrynda gamýakjyklar we kumbreklar söweşiň netijesizdigini aňyp , iki tarapam uzyn taýaklara  ak elýaglyk baglap  söweşi bes etmegini kararladylar.

Birnäçe maslahatdan soň gepleşik geçirýänler iki goşunyň hem şu gün gowy söweşendigini we deňme-deň hasap edilip bilinjekdigi barada netijä geldiler we gaýdyp  hüjüm etmejekdigini sözleşdiler . Kumbreklar we gamýakjyklar birek-birege  gülüşip seredýärdiler: çünki dogrudanam toşaba we ýylpyldy kagyzlara bulaşan haýwanjyklaryň üsti-başy dogrudanam  gülkünçdi we hoşniýetli degişmeler döredýärdi.  Kumbreklar oturymly ýerlerini tertibe salmaga başladylar , gamýakjyklar bolsa öz  obalaryna gaýtdylar,  her taýpa özleriniň ýeňiş gazandyklaryna we garşydaşlarynyň  harby işlerde gorkak we täze öwreniji diýip hasaplaýardylar. Fuksik, Jumbo we Çupoksy ilki bilen  uzak ýol  , soň bolsa hapa we süýji eşikleriniň ýuwulmasy garaşýardy.

## 15-nji bap. Suw joşmagy

Tomus geçdi, güýz geldi.  Güýçli ýagyşlar ýygy-ýygydan bolýardy we gamýakjyklar köp wagtyny öýlerinde ýyly ojagyň ýanynda  geçirýärdiler.  Bir gezek, ýagyş ýarym gün ýagmasyny bes edende, garawullçylyk nobatyny alyp barýan gamýakjyklar  oba gaýdyp gelip, kumbreklaryň şäherçesinden uzak bolmadyk ýerde jülgede ýüze çykan kyn ýagdaý barada habar berdiler.  Gulluk alyp barýanlar,  güýçli ýagyşdan soň jülgede akýan derýanyň kenarlaryndan aşandygyny we kumbreklaryň  obasyny suw basjakdygyny aýtdylar, esasanam soňky söweşde gazylan ýol ilatly obalara eltýärdi.  Kumbreklar, halys, suwy sowmak we bent gurmak üçin suw kanalyny gazýardylar, ýöne hemmesi biderek bolup dur -çünki bu heläkçiligi öňürtelemek üçin-ne güýçleri,ne-de wagtlary bar.  Gamýakjyklar taýpasy bu habary eşidip aljyrap,tolgunyp başladylar.

Wostrik ýaly birnäçe gamýakjyklar, garşydaşlarynyň betbagtlygynyň üstünden güldüler, ýöne haýwanlaryň köpüsi öz ýoldaşlaryna duýgudaşlyk bildirýärdi . Çünki  suw joşmagy uly betbagtçylyga getirip bilerdi.

Garry Hlüps oýlanşyp  dymdy we merkezi meýdançada  iki baka ýöräp, başyny ýaýkap çözgüt gözleýärdi. Birden Fuksik taýpanyň öňünde çykyş etmek isleýändigini aýtdy.  Ol  ýaşaýjylaryň ýygnanmagyna garaşdy, biraz üsgürip , ikirjiňlenip , köýnegini düzeldip, gürläp başlady:

-"Obanyň ýaşulylary  bir wagtlar biz bir taýpadygymyzy  aýdypdylar.  Hawa, gamýakjyklar  bilen kumbreklaryň bölünenine  köp ýylar  geçdi, biziň we olaryň tüýlerinde  birneme  reňk üýtgeşikligide bar ,

olar bizden uzak ýaşaýarlar, agzybir ýaşamagymyzyň deregine olar bilen köp söweşdik, şortikleri biziňkiden tapawutly ildirilýändir,welin ... ýöne nämede bolsa biz henizem bir tokaýyň ýaşaýjylarydyrys, şonuň üçin tokaý doganlarymyza kömek etmeli! Kömek etmesek,derýadan aşan suwlar obany sil alar we kumbreklar öýsüz galar: öňümizem gyş , özleri üçin täze jaý gurup ýetişmezler. Olar heläk bolarlar. Olary terk etmäge biziň hakymyz ýok! - Fuksik öz täsir galdyryjy çykyşyny tamamlady.

- Olaryň owadanja gyzlaram bar! Jumbo märekäniň arasyndan söz goşdy.

- Olaryň patyşasynyň ady hem üýtgeşik ajaýyp ! - diýip Çupoks goşdy.

Bütin taýpa ylalaşyp gygyrdylar, garry Hlüpsyň Fuksigyň sözleri göwnünden turdy.Oňa mylaýym seretdi. Gamýakjyklaryň taýpasy ýene-de ýola toplanşyp başladylar, ýöne bu gezek asla harby ýöriş üçin däl.

Şol wagt kumbreklaryň obasynyň golaýynda birnäçe günläp iş dowam edýärdi - tutuş taýpa aşan derýanyň suwunyň gitmeli çukuryny gazýardylar. Çukurlar durmadan we yzygiderli gazylsa-da, wagtlary ýetmeýärdi we obany her minut suw basyp bilerdi. Ähli gymmatly zatlar, şahalardan ýasalan gaýalara ýüklenip, ilaty göçürmek üçin çişirilen gaýyklar taýýarlandy. Kumbreklaryň köpüsi ýadawlykdan ýaňa aýak üstünde durup bilmeýärdiler. Olaryň ýüzlerine ,tüýlerine we egin başlaryna suwuk kir we palçyk ýapyşypdyr . Eline pil alyp,gyz dostlary bilen çukur gazýan Kukwimba, birden baýyrda biriniň şekilini gördi. Şortigine elini süpürüp, soň bolsa gözlerini arassady. Gowja seredip , Kukwimba gamýakjyklaryň peýda bolandygyna düşündi.

"Mabasýa, Kwasulýa, depede kimiň peýda bolandygyna bir serediň! Olara näme gerekkä indi?"

- Ah, bu gopbamsylar! Biziň üstümizden gülmek üçin geldiler! Kazmagy dowam edeliň ... – Mabasýa buny aýdyp , ýere oturdy, burnuny penjesi bilen süpürip aglap başlady.

Kwasulýa hiç zat diýmedi, gynanç bilen uludan demini alyp, ýadaw halda çygly topragy gazmaga dowam etdirdi.

Biraz salymdan kumbreklaryň tutuş taýpasy depedäki herekete üns berdiler we işini tohtatdylar.

- Gamýakjyklar içalyçylyk edýärler -diýip kimdir biri nägilelik bildirdi.

"Olar üstümizden gülmek üçin wagtynda geldiler" -diýip, başga biri ses goşdy.

Edil şu wagt hiç patyşa meňzemeýän patyşa Hrýams, gazmagyny bes edip, ýüzündäki kirleri we derleri süpürüp, piliniň sapyna daýanyp, gelenlere şübheli garady. Uludan demini alyp, pil guraly ýadawlyk bilen ýere kakyp, eginlerini ýaýyp gamýakjyklara seretdi. Kwasulýa onuň gapdalynda durdy.

Hlupsyň ýolbaşçylygyndaky myhmanlar eýýäm depeden düşüp, oba ýakynlaşdylar.

- Salam, doganlar! - Hlups gaty ses bilen salamlaşdy. - Patyşa Hryams, meniň size hormatym! Salamlaşmak üçin täjimi çykarardym welin, ýöne köp wagtlap ony çykaryp bilmeýärin. Dogrusyny aýtsam, wagtal-wagtal täjiň aşagy gaşanýar. Görýärin welin , obaňyz deňiz gezelenjine taýynlyk görýärmi?

- Hawa, dogry! - diýip, Hryams jogap berdi.

- Bolýar, siziň ýagdaýyňyzy çözmäge kömek edip bileris. Aslynda şonuň üçin geldik.

- Geliň, sag boluň! - Hryams duýgylanyp bilen jogap berdi.-Size berdidar bolarys!

- Bolmarsyňyz, geçmişde bolup geçen käbir düşünişmezliklere garamazdan, biz bir maşgaladyrys.. Geliň, biraz işläliň , ýigitler! - diýip ,Hlups şa köýneginiň ýeňlerini çermäp , oba tarap ýöredi.Elleri pilli we haltaly gamýakjyklar onuň yzyndan ylgadylar..

Täze güýçlerden doly gamýakjyklar taýpasy işe goşuldy. Ylhamlanan kumbreklar täze güýç bilen gazmaga başladylar we deryadan suw çykmanka agşama çenli aýlaw çukuryny gazyp ýetişdiler . Ýagyşam ýagmasyny bes etdi.

Gyzyl tegelek bolup ýaşýan günüň şöhlesini synlap ,depäniň üstünde duran iki taýpa , palçykly suw akymlarynyň , ýolundaky ähli zady süpürip, oturymly ýerden aýlanyp akyşyna ýadawlyk bilen syn edýärdiler. Kumbreklaryň jaýlary we obasy halas edildi. Çuňňur garaňky düşende, gamýakjyklar we kumbreklar begenşip biri-birini gutladylar, gujaklaşyp, eginlerini kakyp başladylar. Käbir kumbreklar begenjinden ýaňa aglaýardylar.

- Indi bolsa tokaýyň hiç görüp-eşitmedik baýramçylygy gurarys, ýa-da men baştutanlyk wezipesi işdinden çykaryn! - gaty ýadaw , ýöne örän bagtly we asudalaşan Hryams tutuş jülgä yglan etdi.

Kumbreklar gamýakjyklary öz obalaryna toýa çagyrdylar, odun ýakdylar we uzyn saçakly meýdan gurnap başladylar. Oduň ýagtylygyndan we lampalaryň ýşygyndan ýaňa hemme ýer gündiziň güni ýaly ýagty boldy.

"Bellemek isleýän zadym bar, siz beýle erbet haýwanjyklar dälsiňiz!" - diýip, Mabasýa gapdalynda oturan Jumboya ýüzlendi.

- Sag bol! - Jumbo begenip pyşyrdady.

- Senem ... gaty ... gowysyň... - Mabasýa Fuksigam goldady.

Golaýda birnäçe boş oturgyç bardy, iki sany kumbreklar ol ýere otyrdylar, megerem, bular iki dogandylar.

- Çagalarym! - märekäniň sesini basan , şatlykly ses çykdy, bu Gazajy daýzanyň sesidi.

- Eje, näme boldy? - Fuksik haýran galyp sorady.

- Pusya !!! Şetdaly !!! - diýip, Gazajy daýza gygyrdy we şol iki kumbrek - doganlary gujaklap başlady. Görülip oturulsa , kiçijikkä ýitirilen Şetdaly we Pusýa, kumbreklaryň taýpasy tarapyndan tokaýda tapylyp,halas edilip we olar bilen ýaşamaga galydyrylypdyr. Fuksik doganlaryna goşulşdy, soň gujaklaşma we hor aýdymy obanyň hemme ýerine ýaýrady. Bu eýýäm bir günde ikinji gudratdy. Obadaky baýramçylyklar we dabaralar daň atýança ,ýagny, ýadaw gamýakjyklar we kumbreklar uklap galýança dowam etdi.

## 16-njy bap. Adamlara kömek etmek

Kumbreklaryň obasynyň halas edilmeginiň baýramçylygy birnäçe gün dowam etdi. Taýpalar bu baýramy birek-birege yzygiderli myhmançylyga baryşmak we görüşmek bilen bellediler. Ilki bilen kumbreklar gamýakjyklara, soňam gamýakjyklar kumbreklara gidýärdiler, soň hemmeler birek-birege garyşyp baryp başladylar, bir ýarym hepdeden soň gamýakjyklaryň obasynda kimiň- kimdigini aýtmak kyn boldy – gamýakjyklaryň özleri köpmi ýa-da gelen myhmanlarmy.

Şol pursatda Homka we Güljagaz ýene peýda boldular. Olar tokaý ruhlary ýaly, otlardaky daň säher çyglyklary basalap, ertir dumanyndan çykyp peýda boldular. Ilki bilen, gamýakjyklar gözüne görünýändir diýip pikir etdiler we bir ýarym hepdelik baýramçylygyň netijelesidir öýtdüler . Emma homýakjyk we toty guş , hakykatdygyny subut edip, oba ýakynlaşýardylar.

- Name boldy?! - beýleki haýran galan haýwanjyklardan ,özüne gelmegi başaran Çupoks sorady.

-Ýok, dostum, biz öz islegimiz bilen geldik,hiç zat bolmady? - diýip, Homka teatrly sözledi.  - Ýadaw syýahatçy üçin bir owurt suw ýokmy?  - diýip Homka   bir käse kofe tarap penjelerini uzatdy.  Çupoks , myhmana kofe uzatdy  we özüne täzesini demlemäge gitdi.

- Adamlarda uly bir heläkçilik boldy, - Homka käseden içip, aýdyp başlady,- şäherdäki suw joşmasyndan soň köp öýlere we  şol sanda   belent diňli  ,ýagny,adamlar tarapyndan «Ertekiler muzeýi» diýip atlandyrylan,çagalaryň we turistleriň barýan  köşgi  hem zyýan çekdi. Bu köşk, şäheriň tutuş ilaty diýen ýaly, esasanam çagalar we köp sanly jahankeşdeler tarapyndan zyýarat edilýän ýer hasaplanýardy.

- Biz eýelerimiziň  söhbetdeşligini eşitdik.  Bu ähli adamlar üçin gaty möhüm bina, ýöne suw joşmasy sebäpli desganyň bir bölegi ýykyldy we köneldi.  Çalt bejerilmese, bina ýykylar "-diýdi Güljagaz dowam etdi.

"Häzirki wagtda adamlar binany  gyssagly abatlamak üçin şäheriň hemme ýerinde pul ýygnaýarlar, ýöne eýelerimiz  şäheriň ýaşaýjylarynyň beýle kän pulunyň ýokdugyny we binanyň ýykyljakdygyny aýdýarlar" - diýdi Homka.

- Soňra meniň ýadyma siz  düşdüňüz, ýitirilen hazynalary gözleýänler we gymmatlyklary yzyna gaýtaryjylar, gamýakjyklaryň  kuwwatly taýpasy ,adamlar bilen köp ýyllap bile ýaşaşyp we olara kömek edýärdiňiz.  Bu gezek hem kömek edip bilersiňizmi?  - diýip Gül ýene söz goşdy.

- Bu  mesele hemme şäherdäki  adamlaryň agzyndan düşmeýär. Binany halas etmek üçin ýeterlik hazynaňyz barmy?  - diýip Homka umyt bilen sorady.

Gamýakjyklar taýpasy  Hlups-a sessiz seretdi, garry patyşa öňe çykdy.

“Ençeme ýyl bäri biz gymmat bahaly zatlary ýygnaýarys we hazynalarymyza ýerleşdirýäris, meniň pikirimçe ol ýerde ýeterlik hazyna bar.  Ýöne  ýeterlik bolmasa-da, biziň täze dostlarymyz bar - şol bir maksada gulluk edýän dostlarymyz  kumbreklar hem  adamlara kömek edip gelýärler. Olar bize kömek ederler - diýip, Hlups ynam bilen aýtdy,hasasyna  daýandy.  Hryams ony makullap baş atdy.

Gamýakjyklar taýpasy şowhunly ses çykardy, "Dogry!", "Adamlara kömek ederis!" -diýip gygyrşdylar. Emma abatlamaga mätäç bolan bu binanyň nirededigini we hazynalary nirä äkitmelidigini  hiç kim bilenokdy.  Elbetde, köne dostlarymyz - Fuksik, Jumbo we Çupoks - bu ýeri gözläp tapmagy teklip etdiler .  Gözleg işlerinde özleriniň edermenligini we ussatlygyny görkezmäge şeýle bir höwes edýärdiler welin, taýpadaşlary  olara şeýle mümkinçilik bermäge şertsiz razy boldylar.  Uzak ýygnakdan soň, günortan gözleg işlerine gitmek kararyna gelindi.

## 17-nji bap. Şäherde gözleg işlerini alyp barmak  we "Ertekiler muzeýine" hazynalary gowşurmak.

- Gözleg işlerinde  esasy zat gizli galmakdyr!  - Fuksik başam  barmagyny ýokaryk galdyryp oýlanmak bilen aýtdy.

Fuksik, Jumbo we Çupoks durup, gamýakjyklar taýpasynyň  getiren adam eşikleriniň üýşmesine seretdiler.  Birnäçe minutlap üýşmegiň içini dörjelän  soň, dostlar bir  çaganyň goňur donuny, könelen gök reňkli  köwüşi , ýiti  sary reňkli şarfyny, ýaşyl ellik we uly gara şlýapa saýladylar.  Ýöne hatda çaganyň paltosy bolsa-da, ähli haýwanlar bilelikde geýsede   ga-a-a-aty ulu bolupdy.  Kimdir biri Fuksiga Çupoksyň egninde durmagyny, Jumbo bolsa iň ýokary çykmagy maslahat berdi. Dostlar şeýle etdiler, indi palto laýyk boldy.  Bu piramidanyň ýokarky bölegine  şarf daňyp, tozanly şlýapa geýdirdiler, ýöne Jumbo düýbünden içinde çümdi, şonuň üçin şlýapada göz üçin  iki deşik kesmeli boldular .

- Gara reňkli şlýapada,

Köne egin-eşikde,

Şäheriňize baýramçylyga,

dynç almaga barýaryn , - Homka bir ýerde eşiden aýdym setirlerini aýdyp ,lybasy makullady.

Gamýakjyklar taýpasy bu gülkünç piramidany görüp gülüşdiler,çünki bular adama däl-de, bag-bakjadaky guşlary gorkuzýan garagça meňzeýärdiler, ýöne başga çäre ýokdy.

"Gizli galmagyňyzyň has gowy görnüşini we netijesine garaşypdym welin,bolmady, şonuň üçin seresap boluň" - Hlups dostlara maslahat berdi.

Gamýakjyklar, Homka we Güljagaz bilen bilelikde şäheriň gyrasyna baryp, bu taýynlanan eşiklere geýindiler.

- Bolýar, siz öýüňize gaýtmagyň wagty geldi! - Jumbo hoşlaşmak isledi.

Gül, - Aý , ýok, men beýle başdan geçirmäni sypdyrmaryn - diýip, Homka jogap berdi.

- Başdangeçiriji tapyldy meniň başyma, - Gül Homka seredip hüňňüldedi,ýöne dostlaryň ýanynda galdy.

- Onda öňe ! - Fuksik paltosynyň içinden seslendi.

- Öňe - diýip, Çupoks goşdy-da, güýçli eginlerinde paltodan we gamýakjyklardan ybarat bolan gurluşyny şähere tarap göterip gitdi.

Deňagramlylyk üçin Çupoks eline taýak aldy. Homkanyň boýnuna paltonyň jübüsinden tapylan köne ýüpüň bir ujuny daňdylar, beýleki ujuny taýaga daňdylar – öý haýwany bilen gezelenje çykan çaga menzeýärdiler.Ýöne ýüpiň ujynda homýagyň daňylany biraz geňdi,näme-de bolsa her eýeleriň öz geňlikleri bardy. Gül paltonyň egninde oturdy. Bularyň daş keşbi örän reňkli we gyzykly bolup görünýärdi. Piramida bir salym durup, öňe ýola çykdylar. Birnäçe minutdan, daň atanda, dostlar şäheriň daşlar bilen düzülen ýollaryndan ýöräp barýardylar. Geçip barýan adamlar azdy, şarf bilen örtülen we köne şlýapa geýnen gülkünç lybasly kiçijek adama hiç kim üns bermeýärdi .

Käbir geçip barýanlar geň galyp köne paltolynyň yzyndan seredip galýardylar,käbirleri bolsa ýoluň başka tarapyna ylgap geçýärdiler.

Paltadaky şekil wagtal-wagtal yza ýa-da öňe egilýärdi, kä wagt bolsa gapdala süýşýärdi. Şeýle-de bolsa, Çupoksyň elindäki taýaklar şekiliň deň derejede ýöremegine mümkinçilik berýärdi.

- Bir iki üç! Meni gowy eşidýarsiňizmi ? - Jumbo piramidanyň içinde aragatnaşygy barlajak bolup sorady.

- Üç, iki, bir! Gowy eşidýäris! Au , Çupoks, motor bölümi, nähili eşidýärsiň? - Fuksik hiç zat görmese-de, aslynda hiç zat etmese-de, keýpi gowydy.

Çupoks iki dostuny we bir üýşmeleňi öz egninde göterýärdi, degişmek ýadyna düşmeýärdi , ýöne jogap bermek hökmandy.

-Sesiňizi gowy eşidýärin,nämeler görýärsiňiz,nirä ýöremeli?-Çupoks ädimlerini orta tizliginde ätleýärdi.

- Dwigatel bölümi nirä gitmelidigini soraýar? - Fuksik soragy aşakdan ýokara geçirdi.

Jumbo silindr şlýapasynda kesilen deşiklere düzedip , ony çepe, saga öwrüp, gaty ses bilen pyşyrdady:

- Dogry öňumizde şäheriň esasy meýdançasy ýerleşýär!Şoňa tarap ýöräliň!

- Meýdanda doňdurma satylýarmy? - Çupoks gaty derläpdi we örän açdy, şonuň üçin garbanmakdan ýüz döndürmezdi.

Homka : "Hawa, bir zatlar iýmek üçin menem saklanardym, bir az ýadapdyryn " -diýdi.

Dostlar meýdança çykdylar we Jumbo doňdurma satylýan ýeri tapmak üçin baş şlýapasyny aýlap başlady. Doňdurma satyjysyny gören Çupoks, baş şlýapasyny sypaýylyk bilen silkdi.

- Bir sany ... kremly doňdurma! - diýip, Güljagaz sorady.

- Guşuňyz aýdanlary bilen ylalaşýarsyňyzmy? Pökküje murtly doňdurmacy adam biraz haýran galyp sorady. Paltoly piramida sessiz baş atdy. Ýeňden bir teňňe tigirlenip çykdy. Doňdurma satyjy adam bulara ak reňkli uly doňdurma uzatdy. Entegem sessiz-üýnsüz, geň paltodakylar , doňdurmany boş ýeňi bilen alyp, bir gapdala çekildiler we kremly doňdurma paltonuň bir ýerinde syrly ýagdaýda ýitdi, soň bolsa gaty gysgalan şeklinde ýene-de çykdy we bir minut soň düýbünden ýitdi: piramidanyň üç içki bölegi hem ony iýdiler , örtük topary hem ýatdan çykarmadylar - "ýüpdäki homýak Homka" we "toty huş Güljagaz " bilen hem paýlaşdylar.

- Bolýar, indi "Ertekiler muzeýi" diýlip atlandyrylýan diňli galany nireden gözläp tapalyň ? - diýip Çupoks sorady.

- Ynha, ol bärde ! - diýip, Güljagaz jogap berdi we ganatyny gadymy gala görnüşindäki uly owadan binany görkezdi.

Dostlar ,beýik we kiçijik diňlerden ybarat bolan, köp reňkli baýdaklar bilen bezelen ullakan ajaýyp gala gözleri düşdi.

Fuksik: "Maksadymyzy tapdyk, indi bolsa tokaýa dolanmaly" -diýdi. – Siz bolsa , - diýip, Güljagaza we Homka ýüzlendi, - Sofiýa sizi gözläp başlamanka öýüňize gaýdyp baryň.

- Hawwa, şu gün üçin başdan geçirmelerimiz ýeterlikli boldy öýdýän - diýip, Homka razy boldy.

Obalaryna gaýdyp gelen gamýakjyklar gören zatlary hakynda obadaşlaryna aýdyp berdiler .

Bir sagadyň içinde gümmezlerdäki ähli hazynalar tertipleşdirildi, sandyklara gaplandy we sanaldy. Adamlar tarapyndan ýitirilen we unudylan halkalar, zynjyrlar, bilezikler, gulakhalkalar we beýleki altyn-kümüş şaý-seplerden ýaňa gözler gamaşýardy, gymmat bahaly daşlaryň şöhlesi bolsa asla göz alyjy ýylpyldysy bardy . Kumbreklaryň obasyna gymmat bahaly zatlary äkitmeli wagty geldi habary aýtmak üçin hem bir habarçy göýberildi.

Kumbreklar derrew geldiler we bütin gijäniň dowamynda iki taýpa gymmat bahaly zatlary tokaýdan şähere gatnap daşadylar,olar ähli hazynalary seresaplylyk bilen gyssagly bejergä mätäç bolan owadan galanyň ullakan zalynyň ortasynda sandyklara ýerleşdirip goýdular.

Şondan soň gamýakjyklar we kumbreklar çalt we duýdansyz şäherden gaýdyp , tokaýyň gyrasynda hoşlaşyp, obalaryna ýaýradylar.

## 18-nji bap. Adamlar tokaý ýaşaýjylarynyň kömegine däl-de, gudratlara has köp ynanýarlar

Tomusuň soň günlerinde, öňden tanyşan maşgalamyz,ýagny Sofi bilen Witýanyň özleri,ejesi we kakasy tokaýyň gyrasyna dynç almaga geldiler.

Hemmeler hezil edýärdiler, kakasy çagalara ýakynda hakyky gudratyň bolandygyny barada gürrüň berdi: suw joşmasynda "Ertekiler muzeýinde" - näbelli haýyr-sahawatçylar tarapyndan goýup gidilen

şaý-sepler peýda bolupdy. Goýulan hazynalar ol muzeýi abatlamak üçin örän ýerlikli niýetlenilipdi. Bu waka şeýle bir geň we syrlydy welin, gazetler hem bu waka hakynda ýazypdyrlar.

- Kaka, belki bu hazynalary gamýakjyklar goýan bolaýmasyn? - ogly kakasyndan sorady.

- Ýa -da kumbreklar? - diýip, gyz dogany goşdy.

- Elbetde ýok, ezizlerim! - diýip, ejesi jogap berdi we çagalaryny gujaklady.

- Muny adamlaryň biri goýup giden bolsa gerek! - diýip kakasy gürrüňe goşuldy .

Çagalar ýene-de meýdança çykyp ,oýnap,ylgap başladylar, birden oglan begenip gygyrdy:

- Eje! Kaka! Tomusda ýitiren ýük awtoulagymy tapdym! - oglan maşynyny göterip, ene-atasyna görkezdi.

- Görýäňmi, gamýakjyklar almandyr ! - kakasy degişip jogap berdi,ejesi bolsa güldi.

Agşam bagtly çagalar ene-atasy bilen ulaga münüp, şähere gaýtdylar.

Motoryň sesi ýuwaşan soň we awtoulag gözden ýitip giden badyna, beýik sarymtyl gyrymsy agaçlardan Fuksik, Jumbo we Çupoks peýda boldylar. Fuksik maşynyň yzyndan seredip, balagyny düzeltdi.

Fuksik dostlaryna seredip: "Biziň eden gaýduwsyz hereketimiz hakda hiç kimiň bilmezligi gynandyrýar" - diýdi.

- Biz tokaýyň gizlin gahrymanlary ! - Jumbo buýsanç bilen jogap berdi.

- We bize şöhrat gerek däl, ondan gaty köp kynçylyk gelýär - diýip, Çupoks sözüniň üstüni ýetirdi, - gazetlerde interwýu bermeli, awtograf paýlamaly , bir giden janköýerler we şuňa meňzeşler ...

- Hawwa, gamýakjyklar adamlara näbelli bolmagy has gowudyr. Iň bärikisi entek biz hakda bilmesinler,- Fuksik razylaşdy. -Onda näme doganlar, ýitirilen hazynalary gözläp başlalyňmy?

Jumbo we Çupox ylalaşyp baş atdylar we köp ýyllaryň dowamynda edişleri ýaly adamlaryň dynç alýan ýerini barlap başladylar. Fuksik otda bir süýji tapdy-da, ony ýuwaşlyk bilen örtükden çykaryp, gizlinlikde dostlaryna görkezmän ýalap başlady.

**Soňy**